

Babanyýazow Arazberdi 1937-nji ýylyň 28-nji iyulynda Balkan welaýatynyň Etrek etrabynyň Güdriolum obasynda eneden dogulýar .Ol orta mekdebi tamamlap, 1955-1957-nji ýyllarda okap, Türkmenbaşynyň mugallymçylyk mekdebini tamamlaýar.1962-nji ýylda SSSR-iň Moskwa şäherinde SK komsomolyň ýokary mekdebinde okaýar. 1965-nji ýylda Türkmenabadyň mugallymçylyk inistitutyny gaýybana tamamlaýar. Bilim ulgamynda: Etrek etrabyndaky 5-nji orta mekdebiniň müdiri,müdiriň başlangyç synplar boýunça orunbasary,pedagog-psiholog yaly kärlerde işleýär.

Döredijilik işi bilen 1957-nji ýyldan meşgullanyp başlaýar.Dürli döwürlerde goşgulary etrap,welaýat,döwlet gazetlerinde çap edilýär.Özüniň giň göwrümli eseri “Sapaly Bossan” rowaýatyny 1972 -1975-nji ýyllarda ýazyp gutarýar. Babanyýazow Arazberdi 2016-njy ýylyň 3-nji sentýabrynda 79 ýaşynyň içinde aradan çykdy.

Amangeldi Babanyýazow.

Awtordan.

“Ilde gep kän-Mekgede arap” diýenleri, hawa, ilde gep kän, ýöne her zadyň sebäbi, her gülüň öz ysy, baýlygyň zory, nikalynyň ýary bar.

Her bir adamyň galama ýapyşyşy dürli bolýar. Biri gören, biri eşiden, biri-de başdan geçiren wakalary hakynda ýazýar,meni welin şolaryň haýsysyna goşsaňyz hem utanmarsyňyz, öz ygtyýaryňyzda.

Size-de gören, eşiden zatlarňyzy il-halkyňa wagtynda ýetirseňiz gymmatly bolar, ony o dünýä (bakyga) öz ýanyňyz bilen alyň gitseňiz , gyzyly küle gömen ýaly bolar diýesim gelýär.

Rowaýaty size ýetirsem, belki göwnüňizden turar. Söz manysyny saçmaýanlara welin, rowaýaty okamaklygyň hajaty hem ýok bolsa gerek. Ýöne rowaýaty bahylsyz ýürek bilen okaweriň !

Rowaýaty ýazmak üçin gürrüňleri we ondaky ýerleri tanyş eden Täşli ogly Hally aga, Amanýaz ogly Gurbandurdy aga, Begnepesow Şana, rowaýaty okap adalatly maslahat berenler: Akmammedow Gara, Atjykow Meňlinepese, Gulynýazow Satlykmämmede, Babanyýazow Amanberdä, Şyhmämmedowa Aşyrbibä rowaýaty halk arasyna ýaýradan bagşy,Türkmenistanyň halk artisti Gulow Nurberdä minnetdarlyk bildirýärin.

Arazberdi Babanyýazow. 20 iýul 1972 ýyl.

# SAPALY-BOSSAN.

Obanyň orta gürpünde obadaşlary Azat bilen Läläniň durmuş toýuny tutýardylar. Ir ertirden başlanan toý dabarasy agşam barjak derejesine ýetipdi. Daşarda ýaşlar saza goşup tans edip, küşt depseler, jaýyň ilkinji otagynda ak sakgally gojalar özara mesawy gürrüňe gyzypdylar. Otaga segsen bäş ýaşy arka atan Hally aganyň gelmegi bilen dymyşlyk aralaşdy. Ýaşulyny töre geçirip, saçaga naz- nygmatly nahar çekilip, gülli çäýnege çaý demlenip getirildi. Ýaşuly naharlanyp, demlengi çaýyny öňüne çekende, onyň bilen sakgaldaş Myrat aga çala gobsunyp:

-Hally aga, eger keýpiň çag bolsa oturanlaryň gulagyny gürrüňe gerdiräýseň- diýip, arçyndy.

Hally aga tisginen ýaly boldy-da:

-Myrat jan, ballym, meniň keýpim şu wagt çag bolmasa, gabrymda çag bolsunmy ?! Biziň ýaşlarmyzyň bagtly ýaşaýşyna guwanyp, öz ýaşlygyma gamlanyp, otyrkam seniň gürrüň bermegi soramagyň meni ukydan oýanan ýaly etdi. Geregiň gürrüň bolsun-diýip, käsä guýulgy çaýy işdämenlik bilen taýly gezek owurtlady-da:

-Men gadymy zamanda Maşatmisserýanda iki ýaş juwanyň başdan geçirenlerini ahly günlerini oglanlykda atamdan eşiden gürrüňimi eşdişim ýaly

başardygymdan gürrüň edip bereýin, ýöne uzagyrakdyr-diýip, şöhlesi öçen göreşlerini şol wakanyň ýumagyny çöşleýän ýaly uzaklara dikip gürrüňe başlady.

Bu waka gadym wagtda Madaw galasynda bolup geçipmiş. Madaw galasy gelim-gidimli ýer bolan. Galada baýam, söwdegärem,ýer urup ýerde galan garyplar hem öz aladalary bilen ýaşapdyrlar.

Galanyň gündogar çetinde iki otagly jaýda kyrk dokuz ýaşy arka atan Guzybakar aga ýaşapdyr. Ony tanaýan ýedi ýaşdan ýetmiş ýaşa çenliler oňa Guzybakar pälwan diýer ekenler.

Guzybakar pälwanyň aýalyna Nigär daýza diýer ekenler. Nigär Guzybakardan on ýaş kiçi eken. Guzybakar zürýatsyz eken. Onuň zürýady bolmaýan hem däl eken. Nigärden üç ogul, iki gyz bolupdyr. Olaryň her haýsy ene-atasyny iki – üç ýyl guwandyryp dünýäden ötüpdirler. Guzybakar aga özüniň yzyna eýe boljak, uzak ýaşly ogul bermegini hakdan gije – gündiz dileg eden. Onuň dilegi gury dileg däldi. Nigär hamylady, onuň aýy-güni golaýdy. Guzybakar säher turup, toýda uly çapgyda öňüne at geçirmeýän gyr atyny eýer-şaýlap, alladan uzak ýaşly ogul diläýin diýip, Şiş pygamberiň gubyryna tarap ýola rowana bolan. Ol şol gelşine Çatda çarwa goşunda düşläp, iňrik garalyp gelýärkä, Şiş pygamberiň gubyryna gelip düşen. Horjunyndan ençe ýylyň şaýady bolan gara

gazanyny alyp, suwdan dolduryp, çakmak daşy bilen ot ýakyp küýzeden ýagly gowurmany çykaryp gyzdyrýar, meşikden bolsa çal alyp suwçal edýär. Taýýar nahardan naharlanyp Şiş pygamberiň ruhyna aýat okaýar-da,soň atynyň öňüne bir desse ýaz otuny döküp, göni Şiş pygamberiň gubyrynyň ýanyna gelip çök düşüp:

-Eý allanyň bendesi Şiş pygamber men bu ýagty jahandan zürýatsyz ötmeli bolarynmy?! Men yzyma eýe boljak uzak ýaşly ogul diläp, alysdan saňa geldim. Meniň indi bärimden aňrym ýakyn, maňa rehim kylyň! – diýip, gözýaş döküp arz kylar boldy.

Arzym eşit  Şiş pygamber,
Senden bir zürýat islärin.
Işim oňlap ak pata ber,
Bir goçak zürýat islärin.

Atadan galyp men ýeke,
Dözgelmişem agyr ýüke,
Perzent dagyn çeke-çeke,
Yzyma zürýat islärin.

Zürýatsyz çekdigim gamdyr,
Rehim eýläň maňa çendir,
Teşne ýüregimi gandyr,
Hakdan bir zürýat islärin.

Bolmaz munda göwün hoşum,
Şatlandyrmaz deňi-duşum,
Gamdan gutarmaga başym,
Hoş gylyk zürýat islärin.

Guzybakar-bu senahym,
Ne boldy meniň günähim,
Allaha ýetişse ahym,
Hak diýen zürýat islärin.

Guzybakar pygambere arz edip ýene bir gezek aýat okap, ýerinden turup atyny mazardan on-onbäş ädim çemeleri daşlykdaki çaýyrlykda baglaýar. Atynyň eýer-şaýyny aýyryp, Şiş pygamberiň gubyrynyň ýanyna gelip, at keçäni aşagyna düşäp çäkmenini üstüne ýapynyp, pygamberiň gubyryny ýassanyp ýatyberýär.

Guzybakar ýadaw bolanlygy üçin, tiz wagtdan uka gitýär. Ol ertir ir namaz wagty alla niçiksi bolup, zöwwe ýerinden turýar. Ol başyndan geçiren ýagdaýynyň herne düýşüdigine şükür kylýar. Onuň düýşüne dädesi giripdir.Dädesi  Guzybakara täze ok-ýaý berýär. Guzybakar:

-Däde, öňki ok-ýaýym hem bolýar ahyryn, azara galmaly däl ekeniňiz-diýýär.

Dädesi:

-Oglum, şu ok-ýaý saňa menden ýädygärlik bolar – diýýär.

Guzybakar ok-ýaýy alyp, atyna atlanyp, aw tazysyny ýanyna alyp, awa çykýar. Onuň öňünden iki sany boz jeren çykýar, ol boz jerenlere tazyny awa saljak bolup durka, kybla tarapdan dokuz sany atly adamyň özüne at salyp gelýändiklerine gözi düşýär. Olaryň elleri almaz ýaly gylyçly şol gylyçlar gün şöhlesine ýalpyldaýar. Guzybakar ýaýdanýar, näme etjegini bilmeýär, ahyrda basýar ata gamçyny. Dokuz sany atly hem duşýar onuň söbigine. Guzybakar öz atyndan razydy, emma olaryň aty köp bolup şowruga çapýandyklary üçinmi hä diýmän Guzybakaryň yzyndan ine ýetdim, häli tutdum howpuny salyp gelýär eken. Şol aralykda Guzybakaryň aty büdüräp ýykylýar olar gelip, Guzybakaryň ýanynda atdan düşüp, hemmesi gylyç syryp, Guzybakaryň üstüne eňýärler.

Guzybakar ölümden gutulmak üçin ýerinden turup, ylgajak bolýar welin, ukydan daljygyp oýanýar. Görse daň saz beripdir. Ol gören düşüni pikirinde aýlap, haýranlar bolup şu namany aýdar boldy:

Säher çagy atam gelip,
Ok-ýaýyny berip gitdi,
Ýadygärlik bolsun diýip,
Maňa sowgat goýup gitdi.

Gyrat bilen çykyp awa,
Garadym men sagy-sola,
Gözüm düşüp boz jerene,
Köňül guşum uçup gitdi.

Kowgy eýläp dokuz atly,
Kastyma çykyp haýbatly,
At büdüräp gaýtdym baky,
Menden kuwwat gaçyp gitdi.

Alladan bolmady perman,

Ýyndam atym boldy çaman,

Duşmandan gutulmak güman,

Gylyç kellän syryp gitdi.

Guzybakar haýran boldy,

Hopugyp ýerinden galdy,

Belki döwran maňa geldi,

Duşman ara açyp gitdi.

-diýip, jüründikli küýzäni dolduryp, synja kylyp, ertirlik namazyny okap, atyny eýerläp, gyr atyna atlanyp ýola düşýär. Etrek derýasyna gelip, atyny suwa ýakýar, meşiginiň suwuny täzeläp, ýoluny dowam etdirýär. Ol ýol boýy agşamky gören düşi barada oýlanýar, pikir derýasyna batýar. “Alla janlarym, dädem ok-ýaý berdi, bu ogul nyşany, ok-ýaýy oglany ýarag edinýär. Dokuz atly näme?! Alla maňa ogul berip, ony-da dokuz ýaşyndaka aljakmyka? Ýok, ol beýle bolmaly däl. Duşmanlar maňa zeper ýetirip bilmediler ahyryn” – diýip, içini hümledýär.

Ol hyýallar köline çümüp, çatda oturan çarwa ýaýlasyna gelenini-de duýman galýar. Pälwan obanyň orta gürpüräginde ýanaşyk oturan iki sany ak gupba ýaly

öýleriň ýokarbaşgysynyň gapysyna gelip, atyny baglaýar. Salam berip içeri girýär.

Törde aýbogdaşyny gurup oturan Hekim aga:

-Waleýkim essalam, geleweri Guzybakar pälwan!-diýip, ýerinden turup, ony gadyrly garşylap, elleşip görüşýär. Myhmanyň hormatyna söwüş soýulýar. Guzybakar islese--islemese şol gün Hekim agalarda düşlemeli bolýar. Ertesi Guzybakar Hekim aga bilen hoşlaşyp, nirdesiň Madaw galasy diýip, basýar ata gamçyny.Ol Madaw galasyna günortan gelip ýetýär. Guzybakar jaýyna golaý gelende, goňşusynyň ýedi ýaşly ogly onuň howlusyndan tüwdürlip çykýar-da ylgawyny ýazdyrmany,Guzybakaryň öňünden çykyp:

-Guzybakar aga, ogluň boldy, gözüň aýdyň-diýip, öň öwredilip göýberilen sözi Guzybakar aga ýetirýär. Guzybakar aga begenjinden tolgunmak bilen:

-Saparjan, taňry ýalkasyn, buşlugyň üçin menden-ä bir silkme, oglum!-diýýär.

Sapar silkme alan zaňňar, gelşi ýaly yzyna zym ýasaýar.

Guzybakar howlusyna gelip atyny ahyryň ýanynda baglap, işigine gelip, öýe salam beren. Onuň salamyny çaganyň göbek enesi Selbi daýza alyp:

-Goňşy, gul tutduk, gözüň aýdyň-diýenden, Guzybakar hem öz gezegine gutlap şu kyssany aýdar boldy:

Kadyr alla dilegimi kabul et,
Goç guzyma nazaryňy sal indi!
Balama degmegil, özüm çalyp tut,
Ýalňyz başa rehimiňi kyl indi!

Dileg salyp seniň ýanyňa bardym,
Gije ýatyp, daňdan tisginip turdum,
Men garyba indi gujagyň gerdiň,
Şiş pygamber,nazaryňy sal indi!

Bilim bükülendir nalalar çeke,
Gözüm nury gitdi ýaşyny döke,
Ýalançydan meni ötürme ýeke,
Hydyr ata nazaryňy sal indi!

Hazan eýläp öldürmegin göwnümi,
Garran çagym aglatmagyl gözümi,

Zürýat galsyn, kabul etgil sözümi,
Biribarym nazaryňy sal indi!

Guzybakar indi şadyýan gülsün,
Dostlarym şatlanyp toýuma gelsin,
Oglum ile, il ogluma guwansyn,
Hak ýaradan nazaryňy sal indi

- diýip, töre geçýär. Guzybakar nahar edinip, per ýassygy goltugynyň aşagyna iki epläp, tirsegine gyşarýar. Nigär şol wagt nämedir bir zat diýip Selbi daýza pyşyrdaýar. Onýança Selbi:

- Guzybakar pälwan, ogluňa uzak guwan, çaga mynasyp at goýmaly, hany gepläp otur - diýip ýüzlenýär: Guzybakar gyrçuw sakgalyny eli bilen sypap:

- Selbi daýza “Il oňlasa, atyňy soý” diýenleri, hany, gelip-gidenleriň, özüňiziň bolsun diýen adyňyz ýokmy? - diýip soran. Selbi daýza:

-Guzybakar pälwan, çaganyň ýüzüni sylanlar we Nigär dagy hem kakasy oňlasa Sapa goýaýsak diýip gürrüň-ä edildi – diýýär. Guzybakar ylalaşyjy äheňde kellesini silkip:

-Selbi daýza, Nigär, oglumyzyň adyny siz-ä bilip dakan ekeniňiz. Menem oglum bolsa kakamyň adyny dakaryn diýip ýördüm. Kakamyň ady Sapa ahyryn – diýip, begençli gürlän.

Şeýlelikde, çaga Sapa diýip at dakylýar. Guzybakar aga Nigär aýak üstüne galýança, on günläp şäherde bolýar. Soň Sapanyň baş saglygy üçin sadaka berýär. Şondan soň Guzybakar Nigär bilen hoşlaşyp, nirdesiň Kemen diýip ýola düşen, ol indi ýigrimi ýyldan gowrak wagt bäri çyn dosty Tuwakmyrat bilen öz goýunlaryny bakýar eken. Olaryň goýundyr geçileri bir süri eken. Olaryň her haýsy 10-15 gün bakyp , Guzybakar goýunyň ýanynda bolsa, Tuwakmyrat obada bolan. Eger Guzybakar oba gitse, Tuwakmyrat goýnuň ýanynda bolan. Tuwakmyrat Guzybakar bilen ýaşdaş eken. Tuwakmyrat wäşi bolan, onuň täsiri Guzybakara hem geçen. Guzybakar bu gezek oba gidip, ýigrimi  üçünji güni goýun goşa gelip ýetişen. Ol goşa gelende, Tuwakmyrat düş alyp, ýaýykda ýagşy galan küremez bilen ojak çöregini ýaňy öňüne aljak bolup oturan eken.Guzybakary oňünden çykyp goýun iti Alabaý garşy alýar. Ol Guzybakara golaý baryp, art aýagynyň üstünde durup böküp, soň hem guýrugyny bulap, dilini ýalmap, at bilen ýanaşyk gaýdan.Guzybakar çadyryň ýanyna gelip, atdan düşüp Tuwakmyrat  salam berýär. Tuwakmyrat:

-Waleýkim essalamy, geliň, düşüň, "Ýagşy ýigit aş üstüne" diýipdirler. Tuwakmyrat dosty bilen elleşip görüşýär-de:

-Ýeri, Guzybakar, Nigär gelin ýorganyndan çykarmadymy ýa-da oguldyr- gyz dogrup, näzini

artdyrdymy, oba-garadan sözläp otur?- diýip, sakgalyny sypalan.Guzybakar dostunyň golaýyna baryp çalasynlyk bilen başyndan telpegini alyp, çopan taýagyny tamdyra edinip, bir keleme söz aýdar boldy:

Tuwakmyrat ,diňle sözüm,
Hak nazaryn saldy maňa.
Täzeden açylyp gözüm,
Hak nazaryn saldy maňa.

Ýaý deý bilim indi elip,
Deňi-duşum geldi gülüp,
Gam gezegin, şatlyk alyp,
Hak nazaryn saldy maňa.

Ötdi gara günler menden,
Şatlygym artypdyr çenden,
Gizlin sözüm bolmaz senden,
Hak nazaryn saldy maňa.

Sapa janym saýa salar,

Neslimiň dowamyn kylar,

Guzybakar lezzet alar,

Hak nazaryn saldy maňa. –

-diýip, honda duran. Ol:

-Dost, Nigär gelin-ä ogul dogrup, gije-gündiz alkymynyň aşagyny gözläp oturmaly edendir. Indi dat seniň günüňe, ýeke özüň ýazgarlan ýaly, goýnuň yzyna düşde ýör. Buşluk berilmese bu silkme telpek yzyna gaýtaryljak däldir-diýip, gaýrat çekilen.Tuwakmyrat şatlyk bilen:

-Dost, ogul ýaşy uzyn bolsun, rehetlisi bolsun, meniň kellämi depmäniň dykysy ýaly beýdip goýma, ber telpegi bäri, ondan soň hem ile beren buşlugyňy ilden aljak bolýan bolsaň, başga hiç kime azar berme-de menden al-da dyn, eger Nigär geliniň alkymyny gözläp, onuň bilen diňleşip, dula bakyp oturjak bolsaň rugsatdyr,  git-de başyňa Nigär allaňsy bilen gülbendini berkit, meniň-de saglygymy dile, o-la goýun , it bakaryn welin seni-de özümide hor etmäni sakalaryn –diýip, telpek üçin elini uzadýar. Guzybakar:

-Han, men seniň boş sözüňden öň ençe haltanyny dolduryp goýdym, sen hem Gül gelniň ýanyna barmankaň, eçiljek buşlygyňy nagt et, ýogsam öýe

şudurşuňa gidip, seniň özüň Gül geliniň täzeräk allaňsy bilen gülbendini başyňa ataýmagyň mümkin – diýip, Tuwakmyradyň kellesine garşy barmagyny çomaltýar. Tuwakmyrat bu gezek Guzybakaryň özünden üstün çykanyny bilip:

-Dost, al telpegi, hol agyp ýatan sürüden öz halan işşegiňi al-da sen ile bermeli buşluk bergiňi üz-diýip, gülmäge duran. Guzybakar:

-Eger buşlugy nagt etjek bolsaň, al telpegi-diýip,Tuwakmyradyň, öňüne zyňyp göýberýär.

...Tuwakmyrat bilen Guzybakaryň arasyndaky dostluk çagalygynda başlanyp, soň hakyky çyn dostluga öwrülip giden. Guzybakaryň hakyky ady Ýazly bolan. Ol 4-5 ýaşda özleriniň we goňşularynyň guzydyr-owlaklary meýdana otlatmaga alyp gider eken. Şonuň üçin Ýazlyny guza iberjek bolanlarynda “Hany guzybakar?” diýip, Ýazly ady “Guzybakar”lakamyna öwrülip giden. Hat-da onuň dädesidir, ejesi hem onuň adyny Guzybakar diýip, tutup başlan. Ine, oňa Guzybakar ady şeýdip galan. Guzybakar ýigrimi bäş ýaşynda oba gyzy Nigäre öýerenler. Guzybakaryň dädesine Sapa diýer ekenler. Guzybakar on sekiz ýaşynda toýda göreşe çykyp, başlan, soň-soňlar uly pälwanlaryň hataryna goşulan. Şonuň üçin oňa Guzybakar pälwan diýip başlapdyrlar. Guzybakar eneden ýekeeken. Nigär hem ene-atanyň ýeke perzendi eken.

Sapa aga hem ömrüni çopançylyk bilen geçiren. Guzybakar ýigrimi iki ýaşynda atadan galýar. Ýigrimi altysynda hem eneden galýar.

Guzybakaryň gyşlagy garaja öýli Agarda, Semende, Ekizakda, Moňalanda, Çat, Etrekde ýaýlaýar eken. Tomusda welin Madawa göçüp geler eken. Guzybakar pälwan elli sekiz ýaşynda Kemen ýaýlasynda goýun bakyp ýörkä, syrkawlap öýüne gelýär. Ol düşekde bary-ýogy on gün ýatýar. Onuň ýakasyndan ajal penjesi ebşitläp tutan. Şagalaňly Guzybakaryň öýüni gam basýar, ýagdaýynyň agarlaşýandygyny goňşy-golamlary duýup, Nigärdir, Sapa göwünlik berip, onuň daşyndan aýrylmaýardylar. Bu ýagdaýy Guzybakaryň özü-de bilýärdi. Ol "Indi, bu ýagty jahanda gitmeli boljak, ýeke perzendini öýerip bilmäni, agtyk-çowluk söýmäni gitmeli boljak" diýen ýaly pikirleri garyp köňlünde ençe gezek agdaryp-dönderýär. Ol ajal penjesi ýakasyndan ebşitläp tutyp, dem almasy kynlaşanda töweregindäki hossarlyk bilen garaýan gamly ýüzlere öçügsi gözler bilen garanjaklaýar-da, kellesini ýassykdan galdyrjak bolýar, emma kuwwaty çatmaýar. Bir ýan tarapyna agdarlyp:

-Nigär, Sapajan, adamlar menden razy boluň, indi men mundan gitmeli boljak-diýip ýuwdynýar. Nigärdir daşyna üýşüp oturanlar ýerli-ýerden:

-Beýle diýme Guzybakar, sen gidip, gutaryp barýan syrkaw däl. Onsaňam senden hemmeler razydyr, seniň hiç

kime ýamanlyk eden ýeriň ýok ahyryn!-diýip, Guzybakar pälwana göwünlik berýärler.

Guzybakar pälwan gözlerini tegeläp Nigäre delmirip bakýar:

-Nigär, körpe guzym Sapajany gözden sowma, indi men ýalançy dünýäden bakyga gidýärin-diýip, nesihat kylar boldy.

Nesihatym budur saňa söwer ýar,
Men giderin ýyglatmagyn balamy!
Tabşyrmaga senden başga kimim bar,
Ýassykdaşyn, ýyglatmagyn balamy!

Gara geýip indi bozlaýyp galjak,
Eziz balam diýip baraňda guwanyp gezjek,
Ata hem enäniň ornunda boljak,
Baş ýoldaşym, ýyglatmagyn balamy!

Ýetim oglan diýip boýnun burdurma,
Atasynyň ýoklugyny bildirme,

Dostlary ýygladyp, duşman güldürme,
Howandarym, ýyglatmagyn balamy!

Sakgal silkip gudalyga barmadym,
Alkyşlajak agtyk-çowluk görmedim,
Ak öý tutdup ak patany bermedim,
Wepadarym, ýyglatmagyn balamy!

Gyr ata atlanyp awlar awlasyn,
Toý bolanda ata kesbin yzlasyn,
Ýagşy işi ili bilen oňlasyn,
Söwer ýarym, ýyglatmagyn balamy!

Guzybakar hakyň emrini tutjak,
Öt günähim bolsa, men mundan gitjek,
Yzymy yzarlap, eýelik etjek,
Arkadagym, ýyglatmagyn balamy!

-diýip, goýun gözlerini uludan açyp, soň mydamalyk ýumýar.

Guzybakary il bolup jaýlaýarlar. Onuň ýedesini berip tanyşlar, dogan-garyndaşlar dargaýar, gapa dikilen ýas çadyry hem ýykýarlar. Emma Nigäriň welin ýüreginde aýralyk odunyň közi öçmesiz ýara salýar. Onuň ýüreginiň şady, göwnüniň hoşy ýeke perzendi Sapady. Nigär Sapanyň gündüzler boýuny synlap, göwnini hoşlaýar. Çarhy pelegiň kanuny gün, aý, ýyl ýasydyr, toýy gözlemäni, öz gezeginde gelip-geçip durýar.

Sapa dokuz ýaşanda Nigär ony elinden tutup, molla berýär. Sapa mollada iki ýyl okaýar. Şondan soň Nigär çarwa ýaýlasyna göçmeli bolýar. Sapada şondan soň molla gatnamagyny goýýar. Ol molladan özüne gerek sowady alýar. Sapa ýazlaga baranlaryndan soň ilki-ilkiler owlak-guza seredýär. Oniki ýaşyna barandan soň gündizler goýuna gidip, Tuwakmyrat aga kömek berip başlaýar.

Ýaz ýaýlagy bolan Semene, Gärjäniň urpagyna, Kemene, Agara-Madawdan, Aladagdan, Balkandan çarwalar ýazlag üçin geler ekenler. Her ýylyň ýaz aýlary Bekibentden Aman aga şol ýazlaglara göçüp gelen. Onuň oraz diýen ogly bar eken. Ol Sapadan 2 ýaş uly bolan. Sapa dagy şu ýyl Orazlar bilen goňşy oturan. Sapa Oraz bilen owlak-guzy bakan, bile oýnap, bir-birine mähirli garan, bu garaýyşlar olary gowluga alyp barypdyr. Dostlar ýazlagda görüşip bilmeseler, ýörite bir-birlerine görme-görüşe barypdyrlar.

... Orazy 16 ýaşlarynda Ogultuwak diýen gyza öýeripdirler. Aradan iki ýyl geçen soň, Oraza ak öý tutyp beripdirler. Sapa indi Bekibende baranda, uly hataryna geçen öýli-işikli dostunyň öýüne barypdyr, bir – iki gün myhmançylykda bolup gaýdar eken. Eger Sapa günebirin gaýdaýjak hem bolsa, Oraz oňa geňeş salmany, söwüp soýup dostunyň, ýatyp gitmegini talap eder eken. Sapa Orazyň, raýyny ýykmany onuň herbir teklibi bilen bada-bat razylaşypdyr. Sapa hem indi jahyl çykan. Ol 18 ýaşan. Indi goýny gije şöwre hem sürüp başlan. Şeýle-de bolsa Tuwakyrat aga ony gözden sowmandyr. Sapa Tuwakmyrat agadan iki günlük rugsat alyp, gyz ata atlanyp, Bekibende gaýdar. Onuň egninde täzeje don, başynda ak silkme bolan. Bili hem ak guşak bilen guşalgy. Görseň misli kejebesi gelip, günüň bataryna garaşýan öýlenjek ýigide meňzeýän eken. Ol Agardan nirdesiň Bekibent diýip, basýar ata gamçyny. Şol gelşine akja derede atynyň başyny çekýär. Dere ýaş ýigide dädesini ýatlatýar. Ol on sekiz ýaşynyň içinde dädesi bilen Kemenden Bekibende gaýtýarlar. Akja derä gelenlerinde, olaryň öňünden bäş sany boz jeren çykýar. Guzybakar aga şol jerenleriň birini awlaýar. Sapa şol ýere gelip saklanýar, dädesini ýatlap gamlanýar. Soň ýoyny dowam edip, Bekibende golaý gelip, Bekibendiň ýerleşen ýerine hoşal bolup:

-Awlag etseň, bu ýerleriň awy bar. Bahar gelse çarwadarlar üstünde goş basýar. Lälezarly çemenlerinden

gelin-gyzlar näz edip, gül dessesini bogýarlar. Jan saglykda şu ýerlerde döwran sürsem- diýen arzuw bilen Bekibendi taryplar boldy.

Bekibende seýil etseň,
Seýilgähli ýerleri bar.
Şunkar guşly awa gitseň,
Boz jerenli awlary bar.

Gyş ornuny bahar alsa,
Çar baglar ýazlaga gelse,
Seýisleriň şöwür kylsa,
At çaparga ýerleri bar.

Gyzyl gülden çemen bogan,
Yşga düşüp, gaýnap çogan,
Säher turup,ak süýt sagan,
Gelin bilen gyzlary bar.

Bende Sapa oýnap-gülse,
Gyrat münüp, döwran sürse,

Müňläp malym agyp-dönse,

Mala şypa ýerleri bar.

-diýip, ýolyny dowam etdiren. Sapa gün ikindi bolanda, obanyň günbatar çetinden girýär. Ol Orazyň öýüniň gapysyna gelip, atdan düşýär. Oraz dostunyň gelendigini görüp, ylgap daşary çykyp, Sapa bilen gadyrly görşüp, saglyk-amanlyk soraşandan soň, at tutýar. Oraz aty daňmak üçin idip ugranda Sapa:

- Oraz, aty daň-da, öňüne ot dökme, ony suwa ýakyp geljek diýip, Ogultuwak bilen salamlaşan, soň atyny suwa ýakmak üçin obanyň çetindäki guýa barýar. Sapa guýynyň başyna baranda, bir gyz guýudan gowa bilen suw çekip duran eken. Sapa atdan düşüp, gyzyň ýüzüni gabak astyndan ogrynça synlap, özüni ýitiren ýaly bolýarda, emma tiz özüni dürsäp, gyzy kemsiz synlamaga duran. Gyzyň täze dogan aý dek ýüzi, ýylmanan alma dek ýaňaklary, gaýmak dek ýuka dodaklary, ala gözlere bezeg berýän aý kimin gyýylan gara gaşlary, döşde ýumralan goşa narlaryň üstünde mar ýaly owsun atýan dört örüm gara saçlary, ak bedenini gizläp duran gyrmyzy köýnegi kemsiz ony bezeýärdi. Gyz jemaly pasyllar soltany baharyň hoşboý ysly bägülüne, al-elwan gülälekli meýdanayna çalym edýän eken. Şol janly surat hem Sapany bendi edipdir.

Gyz küýzäni suwdan dolduryp, ony egnine almak üçin egilende, Sapa gyzyň golaýyna baryp, joşup gelen uýada erk edip uýala-uýala:

-Saglykmysyňyz, suwsap gelýärdim, howlukmasaňyz, küýzeden suw içip galaýyn-la!-diýip,assyrynlyk bilen gabak astyndan gyzy synlan.Gyz näzik sesi bilen:

-Şükür, al içiň-diýip, gysga jogap berip dikelen. Sapa aýak üstünde çommalyp oturyp, iki gulply küýzeden sowuk suwy nebsewürlik bilen içmäge başlan, ol küýzäni ýerde goýup, ýene-de ýokary göterip, ikinji gezek küýzäniň gyrasyna eňegini goýýar. Bu gezek welin suwuň agza gidýäninden ýakadan aşak gidýäni kän bolan.

Bu ýagdaýy synlap duran gyzyň ýukajyk dodaklary iki ýan tarapa çalaja ýazylyp giden. Gyz dodaklarynyň hereketine gözi kakalaşan, Sapa juwan kalbynda dörän harasada erk edip, küýzäni ýerde goýup:

-Sag bol, gyz, taňry ýalkasyn!-diýip dikelen. Gyz hem:

-Bile ýalkasyn!-diýip, küýzäni gerşine alyp, seýkin basyp ugran.Sapanyň welin huşy başyndan uçup, duranýerine näme üçin gelenini hem unydyp, gabak astyndan gyzy ugradyp, onuň yzyndan atyny idip gaýdanyny-da bilmän galan. Sapa gyzy ýanaşyk oturan ak öýüň çep tarapkysyna gözi bilen salandan soň, özüne gelip, atyny suwa ýakmany gaýdany ýadyna düşýär, emma yzyna öwrülmegi uýat bilip, Orazyň öýüne gelip,

Orazyň taýýarlap goýan gazygyna aty daňyp, öýe girip, çokaýyny çykaryp, ojakbaşyň çep goljugyna geçip, oturýar. Oraz daşaryk çykyp, atyň eýer-şaýyny aýyryp öňüne ot dökýär. At ota egilmeýär. Oraz at torbany öýe alyp gelýär-de:

-Sapa, at-a ota egilmedi, arpa bersek bolarmy?- diýen. Sapa:

-Bolar - diýip, ýeke sözde jogap gaýtaran. Oraz at torba üç goşawuç arpa guýup, at torbany atyň başyna geýdirýär. At torbany başyna silkip arpa hem agyz urmaýar. Oraz bäş-alty ädim yzyna çekilip, aty synlaýar, at edil toýa çapyljak ýaly çekgin. Ol “Alla janlarym, at suw içmedimikä?” diýip içini gepledip, öýe gelip:

-Sapa, at suw içmedimi? Ol ne ota, ne-de arpa agyz urdy-diýip, Sapa soragly seredýär. Sapa näme jogap berjegini bilmäni, ýere bakyp:

-At-a suw içmedi- diýip, ikiuçly jopgap gaýtaran.

Oraz:

-Ogultuwak, mis legeni al-da gel, ata suw görkezip göreli?- diýip, daşary çykýar.Onýança Ogultuwak mis legeni suwdan dolduryp gelýär. Oraz atyň başyndan at torbany aýyryp, suwdan doly mis legeni atyň öňünde goýýar. At suwa eňegini berip, işdämenlik bilen suwuň ahlisini içip „ýene bolsa içjek’’diýýän ýaly başyny galdyryp, Oraza naýynjar seredýär.

Oraz:

-Ogultuwak,bar ýene-de bir küýze suw getir-de legene guý-diýen. Ogultuwak suwdan doly küýzäni alyp gelýär-de, legene guýýar.At legendäki suwuň ýary çenini içip, agzyny şalpa-şalpa edip birnäçe gezek çaýkaýar-da, soň ota garşy sowulýar. Ogultuwak legeniň içindäki galan suwy döküp küýzäni hem alyp,öýe girip gidýär.

Oraz arpaly torbany atyň başyna geýdirip öýe gelýär.Ol Sapany başdan-aýak synlaýar. Sapa çokaýy çykaryp, aýagyndan dolagy aýyrman, ýassyga tirsegini berip, uzalyp ýatan. Oraz dostynyň bolup ýatyşyny görüp:

-Ýeri, Sapa, aýagyňdäki dolagy hem aýyrmany düşege geçipsiň, näme, ony hem suwa ýakmak üçin howlugýarsyňmy?-diýip, Sapanyň golaýyna gelip, aýbogdaşyny gurup oturýar. Sapa dikelip dolaklary aýagyndan aýryp, düýrläp, çokaýyň ýanyna zyňyp goýberýär-de, öňkisi ýaly ýassyga gyşarýar.Oraz dostunyň keýpiniň ýoklugyny indi has hem aňýar. Ol Sapadan aty näme üçin suwa ýakmadygyny soran. Sapa welin gazyk ýuwdan ýaly, hiç hili jogap gaýtarmaýar. Oraz içinden ”be, muňa guýy bilen şu iki arada näme bolduka ýa-da obasynda üýtgeşiklik barmyka?”diýip, içini gepledip, soňra:

-Sapa, hany aýdyp, otur, oba-gara, Nigär daýzadyr, Tuwakmyradyň içerleri saglykmydyr?

Sapa:

-Oba-gara, ejem, Tuwakmyradyň içerleri saglyk-diýip, gysga sözlän.

-Oba-gara saglyk bolsa,onda öz ýagdaýyň neneň? Näme üçin keýpiň ýok? Janyň beri sagmy?-diýen.

Sapa başyny galdyryp ”janyma sag welin” diýenden Oraz:

-Sapa weliniň näme, hany egri otur-da dogry sözle-diýen.

Sapa:

-Welini aýdaýsam boljak,ýeňňem bar,bolmasa saňa ony iru-giç aýtmaly boljakdygyny bilýärin-diýip,Orazyň ýüzüne naýynjar sereden.

-Sapa, sen menden gizlemejek zadyňy Ogultuwakdan hem gizläp oturma meniň dünýäde iki dostum bar, biri sen,biri-de Ogultuwakdyr-diýen.

Sapa az wagt dymyp oturansoň özüni dürsäp

- Oraz, diňle, meniň-ä guýynyň başyna baryp, at ýakyp gaýdyşym ine şeýle boldy diýip, şu kyssany aýdar boldy.

Synym düşdi bir gözeliň näzine,

Bir ajaýyp täze dogan aý eken.

Ol gyýylan galam-gaşly ýüzüne,

Bezeg berýär misli egri aý eken.

Bagynda ýetişen ekmeli nary,
Alkymy pamyk deý togsanyň gary,
Taý gelmez görküne gözeliň bary,
Saldanyşy durşy bilen näz eken.

Süzülen ala göz kime bakypdyr,
Ak ýüzüne gara zülpün döküpdir,
Saç bagyna ýüpek gotaz dakypdyr,
Gara saçy owsun atsa mar eken.

Näzli dilber bilmen niçe ýaşynda,
Hyzmat etsem ömür onuň gaşynda,
Ak öýüň içinde, ojak başynda,
Golun çermäp hyzmat etjek gyz eken.

Haýran galdym gollarynyň bagyna,
Armanym ýok ýetsem göwün şadyna,
Bende Sapa ýanyp yşgyň oduna,
Nesip etse, bize gerek ýar eken.

Oraz onuň kyssasyny eşidip:

- Ýeri, Ogultuwak, ilki sendendir, Sapanyň jogabyny berip otur – diýip, Ogultuwagyň ýüzüne soragyly sereden.

Ogultuwak :

- “Enesini gör-de gyzyny al” diýenleri, Oraz ol gyzyň kimdigini bir tanaly, soň Sapajana belli maslahat bereris- diýip, Sapa ýüzlenen.

Oraz Sapanyň has golaýragyna süýşüp, ol gyzyň kimdigini soran. Sapa ol gyza guýynyň başynda duşanyny, suw içişini, nirä çenli gözi bilen ugradanlygy barada gürrüň beren. Bu gürrüňi Ogultuwak eşidip:

- Ol-a, Jumanyň gyzy bolmaly, adyna-da Bossan diýýändirler, Jumanyň uly ogly biz dek iki ýyl öň ak öý tutunandyr. Şol iki öýüň biri Jumanyň, beýlekisi hem onuň ogly Sumbaryň öýi bolmalydyr. Sumbaryň aýalyna Dursun diýerler. Dursun biziň obamyzyň gyzydyr. Bossan gowy gyz. Onuň gepi-sözi edil uly ýaly, ýöne Bossana habar gatylanmy-ýokmy şony bilmeli.

Oraz:

-Ogultuwak,palawyň tizräk häzirle-de ýaş köňli wagtla-

ýyn garrylyga sal-da, gelinligiň ugruna çyk,obadaşyň bilen eňekleşip gaýt işiň oň bolsun.Ýene bir zady mydamalyk ýadyňda sakla Sapa hem ýagyrnysyny gaşar ýaly zat tapmasa biz-de arkaýyn sermenip, sypanyp

bilmeris, ol ”pak bilen pöküňiz gutarmady-da’’diýip başujymyzda çommalar oturar. Eger işi oňarmasaň, Sapany gözli-başly edýänçäk seni öýňize gaýtarmaly bolar, gelinlik tapyp toý toýlanjak günüňiz gaýtaryp getirmeli bolarys-diýip, Ogultuwaga hem-de Sapa degýär. Sapa-da Orazdan kem durmany:

- Oraz, şol gyzy ýanymyza geçirýänçäk, saňa sypalaşmak üçin uly giňişligiň berilmejegi hakdyr-diýip, dostunuň gerdenine kakýan.

Ogultuwak kepgiri gazanyň gyrasyna kakyp,Orazdyr Sapa palawyň ýetişenligini,ellerine suw almagy mälim edýär.Iki dost nahar edinip, soň ýaşlyklaryny ýatlap, köp gürrüňleriň başyny agyrtýarlar.

Ogultuwak gazandyr taňsyk mejimäni arassalap, Bossan barada gürrüň getirmek üçin obadaşy Dursunlara baranda, Dursun haly üçin ýüplik egirip oturan eken.Ogultuwak işikden salam berip girende, ol egirip oturan yüplügini gapdalynda goýup, turup mähirli görüşýär, öz ýanyna geçirip oturdýar.

Olar ilki häzirki durmuş ýagdaýlaryndan,soň hem obalaryny ýatlap ençeme gürrüň edýärler.

Şol arada Bossan gelip Ogultuwak bilen salamlaşyp, gor alyp gidýär. Ogultuwak ýagdaýdan peýdalanyp:

-Agyz Dursun, tüweleme Bossan baldyzyň ýetişipdir, saňa-da el-aýak ýaly kömegi degýändir-diýen

- Hawa, Ogultuwak, Bossanyň berýän kömegi ýaly kömegi şol gyzym hem berse, men-ä Summary garramaly wagtymdan on ýyl öň garradarmykam diýýärin-diýip, sallançakda ýatan çaga elini uzadan Ogultuwak hem:

-A gyz, Summary on ýyl öň garradyp ikinji gezek durmuşa çykma hyýalyň barmy?-diýen

-Ýok-la gyz, Summaryň ikinji gezek öýlenmezligi üçin diýýärin-diýen

Ogultuwak ýerinden çala gorsunyp:

-A gyz Dursun, Bossan hem göze görünipdir, heý söz aýdyjy dagy gelen-ä däldir diýip?-diýip, Dursunyň ýüzünden heniz açylmadyk syry tirjek bolup, gabyk astynda ony synlap.

- Näme, Bossan üçin gudalyga geljek bolýaňmy?

- Gudalyga gelmeklik bize-de nesip etsin-diýip, Ogultuwak sözlemi iki uçly edip goýan.

- Bossan üçin gudalyga gelýän ýok diýsem boljak, bir aý çemesi öň Goýmatdan gaýyn atamyzyň dogany gelin habar gatdy.Ol habaram bolmady. Öýlendirjek bolýan oglany Bossan bilen emişen eken. Bossan barada başga adam işikden ätlänok-diýen.

- Onda Bossan üçin gudalyga gelibermeli-da, Dursun!-diýen

- A gyz, gudalyga geler ýaly seniň ne ýetişen doganyň, ne-de ýüwürjiň bar, kim üçin söz aýtjak bolýarsyň? diýen

- Meniň-a on ýedi ýaşy dolduran, men diýen ýüwürjim bar, görmäge göz gerek.

- Ogultuwak,onda men seniň yüwürjiňi tanamaýan bolmaly.

- Onyň hak, sen tanaýan hem dälsiň, nesip bolsa ýüwürjimi tananyňdan soň, ol saňa-da „ýeňňe jan’’diýip, daşyňdan aýlanyp başlar welin, sen hem meniň ýaly Bossan üçin biliňi berkiräk guşamaly bolarsyň.

- A gyz, ýigidi görmäni,saňa zat diýip biljek däl. Onsoň-da gaýyn enemiz şol meselede Bossanyň ham razylygyny aljak diýdi.

- Zyýany ýok, ol-da gowy zat, Bossan ýigidi halamasa, biz-de nogtadan boşan göle ýaly omzap durmarys.

Şol wagt daşardan aýak sesi eşidilýär.

Ogultuwak:

- Bolýar gyz, şu gürrüňler öz aramyzda galsyn-diýip, ýuwaşlyk bilen pyşyrdaýar. Dursun bolsa diňe baş atmak bilen ylalaşýar. Onýança Dursunyň gaýyn enesi Tuwakgül daýza öýe girýär.Ol öýe girenden Ogultuwak öýme ýalygyny ýüzüne göýberip, ýerinden turýar-da eglip salam berýär.Tuwakgül daýza Ogultuwak bilen saglyk-

-amanlyk alyşyp, Dursuna düýäniň gelendigini tabşyryp çykyp gaýdýar.

Ogultuwak hem köp oturandygyny, Orazyň öýdedigini bahanalap turýar. Dursun Ogultuwaga gelip durmagy sargap ýola salýar.

Ogultuwak öýe gelende, tirseklerini ýassyga berip ýatan dostlar dikelýärler.Oraz Ogultuwaga ýüzlenip:

-Ýeri gelin,gurtmy, tilki? Ýüregiň doly näzmi ýa-da buzmy?-diýip öz golaýyna gelip oturmak üçin eli bilen ýer görkezýär.Ogultuwak hem görkezilen ýerde oturup-oturmany, Han aga, seniň üçin biziň ýüregimiz mydama näz bilen doludyr diýip,näz edip ýerinden turýar-da,boş küýzäniň birini alyp,suwa gitjek bolýar.Onýança Oraz ýerinden turup,Ogultuwagyň ak goşaryndan şapba tutýar-da:

-Keýigim,gidip-gelen ýeriňden gören-eşideniňi gürrüň bermeseň,gitjek ýeriň bolmaz.Onsoň-da Sapany mundan artyk köseme,bu neresse sen şundan ugranyňdan tä gelýänçäň,giden ugruny gözläp,boýny günebakaryň başyna döndi-diýip,Sapany eli bilen görkezýär.

Ogultuwak-da bularyň garaşa-garaşa sabyr käseleriniň dolandygyny bilse-de bilmezlige salyp:

-Elimi bir goýber oglan, birdenem gar dek eräp maňadyr Sapa iş bolmagyň mümkin, gün gijigip barýar, basymryjak suw getireýin. Hawa, Oraz jan, iki sany ter

gara sakgally ýigit barka, aty hem suwa men ýakjak bolsam, gürrüňe el etmezmikä diýýärin-diýip aty-da suwa ýakmalydygyny olara duýdyrýar-da, elini silkip alýarda, suw getirmek üçin çykyp gidýär.

Sapa Ogultuwak çykyp ugranda:

-Oraz, Ogultuwak ýeňňem mydama şeýlemi? – diýip, Bossan baradaky gürrüňiň yza çekilmegine çyny bilen ýarymgahar edýär.

-Hawa, Sapa, Ogultuwak mydama şeýledir, köp ýerde yzy gelmänkä, sygryň guýrugynda pyçak döwüp oturbermesi bardyr – diýip, ýalandan zeýrenen bolýar.

Iki dost Bossanly gürrüň barada özara dürli ýogutlar ýöredýärler. Olaryň öazara gürrüňleri ýene-de Ogultuwagyň suwdan gelmegi bilen kesilýär. Ogultuwak suwly küýzäni suw böwürde goýup, Orazyň ýanyna geçip ornaşýar. Ol Dursun bilen öz aralarynda bolan gürrüňleri başdan-aýak gürrüň berýär. Oraz gürrüňiň mazmunyny tirip, Sapa bilen Bossany duşurmagy makul bilýär. Ogultuwak bolsa Bossan bilen Sapanyň ertir şu mahal duşyşjakdygyny, ýaňy guýa suw almaga baranda Bossana duşanlygyny, Sapanyň oňa synynyň düşenligini sözüň gerdişin-de duýdurandygyny Bossanyň ilki uýalyp soň hem “Hawa, biçeme ýigit däl eken” diýendigini, ertir näwagt guýa suw almaga geljekdigini soranda, guşluk, ikindin suwa geljekdigini gürrüň berendigini aýtýar.

Bular ertesi guşluk aty suwa ýakmak bahanasy bilen Sapanyň guýynyň başyna baryp, Bossan bilen gepleşip, onuň köňlündäki maksady bilmegi oňa maslahat berýärler.

...Indi habary Bossandan alaýlyň. Bossan guýynyň başynda Sapany ençe gezek synlap “Ine ýigit diýseň şuňa diýmeli, gör sözleriniň jana ýokumlydygyny” diýip, guýydan gaýdanda ýol boýy öz-özi bilen gepleşen. Ol guýydan mazaly arany açandan soň yzyna çalarak seredende ,ýigidiň aty özini synlap gelýändigini görüp, ädimini gysgaldyp, sallanjyrap gaýdan.

Bossan öýlerine gelip, daş işgi süpüren bolup, ýigidiň kimlere barýandegyny hem gözi bilen görüp galan. Ertesi gün Bossan guýynyň başyna gelende, Ogultuwak guýydan küýzesine suw guýyp duran eken. Ogultuwagyň soramagy bilen haly üçin erişi basym egirip gutarjakdygyny, eger erş gutaryp bildikleri haly ýüwürtjekdiklerini Bossan gürrüň berýar. Bossan Ogultuwagyň gürrüňi bilen ýigidiň adynyň Sapadygyny hem bilip “Sapa, Sapa” diýip, ýüreginde sesiz ençe gezek gaýtalaýar.

Sapa şol günüň gijesini Bossany göz öňüne getirip, ukusyz geçirýär, geçmeli günüň ýary hem ýyla dönýär. Günguşluk bolanda, Ogultuwak daşardan çalasynlyk bilen öýe girip:

- Sapa, Bossan suwa ugrap barýar, sen atyňy suwa ýakarsyň hem-de gyzyň ýüregini awlamak üçin süýji-süýji gepleşip gaýdarsyň. Sen uýalypdagy sözläp bilmäni gaýdaýma, gyzyň ýüregi hem daş däldir. Bolsa seniňkiçedir, ýogsada seniňkidenem ýokdyr, ýone näzik digini bir unutmagyn – diýip, uýalman sözleşmegi sargap,Sapany guýynyň başyna ugradýar.Sapa atyny idip guýa tarap ugraýar.Ol ýol boýy öz-özüne ”Nämeden başlaryn? Bossan nähili gararka? Eger Bossan sözlemek islemäni dymyp gaýdyberse,näme ederin?”-diýen soraglary ýüreginde ençe ýola öwrüp,guýa golaýlaşýar.Ol guýa golaýlaşdygyça özüniň ädiminiň gysgalýandygyny hem duýýar.Ol ”Sapa,Sapa,mert bol,gyz seni tutup, atyň bilen agaja daňyp goýjak däl ahyryn,mert bol-da sözleş” diýip,öz-özüne öwüt berýär. Sapa guýa golaý gelende, Bossan suwly küýzäni gerdenine alyp gaýdyberýär. Sapa Bossan oýdan çykmanka ýetişmek üçin, ädimini çaltlandyrýar. Guýy ini-boýy on ädim çemeleri oýuň içinde ýerleşýärdi. Eger ädimini çaltlandyrmasa, Bossan-da garaşyk edip, jerendek sallanjyrap, ädimini gysgaltmadyk bolsa, bularyň duşuşyk ýeri oýuň daşynda boljak eken.

Sapa atyny idip, oýa inende Bossanyň oýdan çykmaklygyna bary-ýogy ýedi, sekiz ädim galypdyr. Oýa ineniňde, adamyň guşaklykdan ýokarsy görinse, eger oturaýsaň welin, töwerek – daşyň görünmeýän eken.

Sapa Bossan bilen arasynyň azak-tenek-uzaklygyna garamazdan, salam berýär. Bossan gabagyny çalarak galdyryp,ýuwaşlyk bilen Sapanyň salamyny alyp,näz-

-kereşme edip, ýoluny dowam etdirjek bolýar.Sapa Bossanyň öňüne geçip,”sözleşeli,saklan gözel” diýip,şu kyssany aýdan,Bossan hem oňa jogap beren:

Sapa:-Badam gabak,şirin sözli,
Sözleşeli,saklan gözel.
Köňlüm awlan jeren gözli,
Sözleşeli,saklan gözel.

Bossan:- Diýjek sözüň bilip sözle,
Jeren gözliň daşdan gözle,
Basymrajyk diliň sazla,
Ýogsam mundan gitdim ýigit.

Sapa: - Yzlaryn men aşyk ýolun,
Ýüregime saldyň ýalyn,
Bagş edäýsem dünýe malyn,
Bahaň arzan boljak gözel.

Bossan:- Kimdir seniň halyň sorjak,
Munda dursam uýat boljak,
Dünýe malyn nirden aljak,
Saňa sözüm budur ýigit.

Sapa: - Ölsem ah diýmen ýoluňda,
Isledigim dal boýuňda,
Garyp guluň öz eliňde,
Meni beýle ýakma gözel.

Bossan: - Uýadyňy nirde goýduň,
Menden başga kimi söýdüň,
Süýnäýmesin seniň meýdiň,
Köp samraýyp durma ýigit.

Sapa: - Uýatly aşyk bolarmy,
Hak aşyk ikin söýermi,
Dünýe ömürlik goýarmy,
Birehim bolma gözel.

Bossan: - Bilýän bu dünýe amanat,
Häzir saklasyn salamat,
Gopjak bolsa-da kyýamat,
Saklamagyn meni ýigit.

Sapa: - Aşyk sapa gitse mundan,
Ölünçäm dönmenem senden,
Derdim artar günbe-günden,
Soňky sözüň diýgin gözel.

Bossan: - Gam çekmäni gezgin mestan,
Adymy eýlediň dessan,
Nesip bolsa seňki Bossan,
Häzir saklamagyn ýigit.

-diýip Bossan gyz dikelýär.

Sapa:

-Bossan, sen gider bolduň, indi biz haçan, nirede duşup, süýji-süýji sözleşip bileris ?– diýip, Bossanyň ýüzüne seretýär.

Bossan:

-Sapa, ertir birinji gün diýip başla, onunjy gün diýilen günüň günortany şu ýerde duşuşarys. Eger şu ýerde duşuşygymyz başa barmasa, biziň öýmüziň gabat ilersinden ýol geçýändir. Ine, şol ýol bilen elli-altmyş ädim gideniňden soň, depe başlanar. Edil şol ýerde ýoluň on-onbäş ädim sag tarapyna seretseň ýeke çeti bardyr. Onuň ýanynda ýagyş suwunyň güýjünden emele gelen jar hem bardyr. Sen ilki agşam şol ýere bararsyň, men hem çemini tapyp bararyn. Ýöne baranymdan soň garaşmaga ýaltanma – diýip ugraýar.

Sapa atyny guýynyň sowuk suwundan ýakyp, atyna atlanyp,göwni hoş bolup, obanyň hol ilersindäki depeden aşyp, otluk oýda atyny kössekleýär. Atyny otaran soň atlanyp, Garagul depäniň üsti bilen Bossanyň salgy beren ýerlerini synlap, obanyň ilersini syryp, günbatar çetinden girip, Orazyň öýüne gelýär. Sapa öýe gelende, Oraz bilen Ogultuwak nämedir bir zat barada eňek berip gürleşip oturan ekenler. Olaryň gürrüňi Sapanyň gelmegi bilen kesilýär.

Oraz dostunyň töre geçip oturmagyna-da howlugyp:

-Sapa, ýüzüň-ä enesinden ýaňja nogul alan çaga meňzeýär. Bossanyň süýjüden sözlän sözlerinden, sözlemäni dilsiz eden näzlerinden gür ber-de geliber,

Ogultuwak ikimiz ony tirmäge öňden taýýardyrys – diýip, duýgudaşlyk bilen onuň ýüzüne mähirli garaýar.

Sapa düşege geçip gelýärkä:

-Oraz, ýuwaşyrak bolsana, birdenem Bossan barada ýüregimde gizlenen gürrüňleriň ganatlanyp uçaýmagy mümkin – diýip, töre geçip ornaşýar.

Ol Bossan bilen öz aralarynda bolan gürrüňleri Bossanyň "Nesip bolsa seňki Bossan" diýenini, duşuşmak üçin bellenilen güni hem çaga ýaly joşup gürrüň berýär.

Orazdyr, Ogultuwak Sapanyň ähli hereketlerini makullamak bilen işiň oňuna başlanandygyny makullap,işiň oňuna başlanandygyny belleýärler. Sapa şol güni ýatyp,ertesi säher bilen nirdesiň Semen diýip ýola düşýär.

Semene gelende Tuwakmyrat aga ýapynjasyny kölege edinip dynç alyp ýatan eken. Ol Sapa bilen saglyk-amanlyk alyşyp, Bekibentli tanyş-bilişleriň ýagdaýyny birin-birin soraýar. Şol günüň ertesi Tuwakmyrat aga sürüni Sapa tabşyryp, eginbaşdyr azyk üçin Madawa gaýdýar.

Şol ýyl çopanlara goýun bakmak has amatly eken. Ýeriň ýüzi nagyşlanan mahmal ýaly ot. Goýunlar gök otuň içinde özleri erkana agyp-dönüpdir. Sapanyň jany

mal bolsa-da, şu gezek Bekibende gidip geleni bäri mydama bir zady kem ýaly eken.

Ol onuň nämedigine göz ýetirjek bolup pikirlenende, kem zadynyň ýeke-täk Bossandygyny bilip galýar.

Sapa gün ýaşanda goýuny ýataga getirip,özüde meşikde tagama gelen küremez bilen çörek iýip naharlanýar. Garny dok goýunlar gara ýatakda egrilýär. Sapa ýapynjany sürüniň ortarasynda ýazyp gyşarýar. Ol ýadaw bolsa-da köp wagtlap uka gidip bilmeýär. Ençe gezek ýyldyzlary synlap, öz içinden “Ol ýyldyzlar Akmaýanyň ýoly. Ol köşeginden aýra düşende süýdüni saçyp, şol aralygy geçendir. Şol ak ýol onuň süýdüniň yzy bolmaly. Ol görünýän Myzany, ol hem Ýedigen ýyldyzy. Ol görünýän bolsa Ömürzaýa. Name üçin Ömürzaýa adyny aldyka ? Tiz wagtda gözden gaýyp bolýanlygy üçinmikä ? Ol ownuk ýyldyzlara diýsene, ah şolardan hünji düzüp, Bossanyň boýnuna daksadym diýip, uzak wagt pikir edip, gijäniň bir wagty uka gidýär.

Onuň ýatmazdan öňki eden pikirleri düýşüne girýär. Düýşünde güjüm agaçlykda Bossana duşmak üçin garaşyp dur, emma Bossan gelenok.

Aý ýagtysyna daş-töwerek gündizlik ýaly. Ol gelip-giden göräýmesin diýip, bir güjüm agajynyň kölegesine çekilýär. Ine, aý bilen bäsleşip Bossan gelýär. Sapa ony gujaklap, her ýaňagyndan taýly bosa alyp, bagryna

basýar. Bossan birden Sapanyň gujagyndan sypyp, hol beýleräkde ösüp oturan güjüm agajyna arkasyny berip, Sapany synlap hem-de oňa näz edip duryberýär.Sapa oňa garşy ylgaýar.Bossan:

- Gelme, dur, duran ýeriňde ! – diýip, Sapanyň duran güjüm agajyny eli bilen görkezýär. Sapa:

- Durub-a bilmen, Bossan- diýip, ýene-de birki ädim ädýär.

Bossan:

- Eger durup bilmeseň, ine men gitdim- diýip, çalasynlyk bilen aňyrsyna öwrülýär. Sapa:

- Bolýar, Bossan, ine men durdum, gitme!- diýip, öňki duran güjüm agajynyň ýanyna gelip durýar-da:

- Bossan oýun etme, gelsene, arzuwly sözleşeli!” diýýär.

Bossan “bolmaz” yşaradyny edip, kellesini taýly ýaýkap, näz edýär. Sapa ýene-de ýalbaryp:

- Bossan, gelsene, wagt garaşmaýar, ine gitjegem diýersiň- diýip, Bossana tarap ugrajak bolýar, Bossan çalarak eglip, iki eli bilen gelme-gelme diýen yşarat edýär. Sapa bialaç durmaly bolýar. Sapa:

- Bossan, gel, men senden ýeňildim, gelsene diýýär. Bossan ilki “bolmaz” diýip kellesini ýaýkaýar, soň:

- Sapa, seniň ýanyňa barar ýaly däl, ýanyňa bardygyň, adamçy iner ýaly oýkanyp, endamymy sypap-sermäp, düýdüp-dargadyp barýarsyň- diýýär. Sapa:

- Bossan, indi ol oýnumy etmäýin. Diňe ak goşaryňdan tutyp süýji-süýji sözleşeýin, eger elim goşardan başga ýere uzasa, gidiber.Gel, söz berýärin-diýenden soň, Bossan assa-assa basyp,Sapa garşy ugraýar.Sapa Bossan golaýa gelende aldaga salandyryn diýip, Bossany tutmak üçin ylgaýar welin, edil şol ýerde ukudan açylýar.Sapa turup töweregine göz gezdirýär.

Töwerek dym-dyrslyk, daň ýyldyz dogup daňyň atmagyna az wagt galan eken.Ol gören düýşini göz öňüne getirip säher-çagy tisginip oýandym, görenlerim düýşüm eken, meni düýşimde näz-keleşme bilen ýakdyňda dilber diýip, şu kyssany aýdar boldy.

Tisginip oýandym säheriň çagy,
Köňlümi awlaýyp gitdiň-le dilber,
Näz kereşme eýläp gujaklap bagy,
Biziň sary gülüp bakdyň-la dilber.

Aý bilen bäsleşip geldiň sallanyp,
Ak gollaryň batlandyryp bellenip,

Ýuka dodak al ýaňakda öllenip,
Teşne köňlüm suwa ýakdyň-la dilber.

Gara saçy sypap ýelpäp ýüziňi,
Şuglaý salyp gamaşdyrdyň gözimi,
Inçe bilden guçup,sordym dilimi,
Hyýal eken gaçyp gitdiň-le dilber.

Sapa turup haýran bolup oturdy,
Aýly gije köpüsini ötürdi,
Gola düşen selbisini ýitirdi,
Ýellenip arany açdyň-la dilber.

...Tuwakmyrat aga Semenden gaýdan güni Madawa gelýär.Onuň gelendigini eşidip, Nigär daýza gelip salamlaşyp, Sapanyň ýagdaýyny soraýar. Nigär Sapanyň Bekibende gidip gelendigini eşidip:

-Tuwakmyrat, Sapa sypynsa Bekibende gidýär, sebäbi Orazy dogany ýaly gowy görýändir. Ýöne gidende tertipli gezmegi üçin öwüt-nesihat edeweri. Bekibentden başga ýere gitmegine ýol berme, häzir oglandyr, ýalňyş işiň

üstünden baryp ýörmegi mümkindir- diýip, enelik aladasyny eden.

Tuwakmyrat aga:

-Nigär, Sapadan aladasyz bol, ol parahat ýigit, onuň gepi-sözi, gylyk-häsiýeti edil Guzybakar pahyryň hereketi ýaly, ýöne onuň adam bolup ýetişmegi üçin ähli öwüt-nesihat edilýändir- diýiýp, ýene köňlüni göterýär.

Nigär Tuwakmyrat aga Sapanyň egen-başyny, azygyny alyp gitmegi duýdyrýar. Tuwakmyrat aga Madawda bäş gün bolup, semene öwrülip gelip Sapa öýlerine gitmek üçin rugat berýär. Sapa şol günüň ertesi Madawa gaýdýar. Ol Madawa gelip, Bossanyň duşuşmak üçin bellän gününiň dokuzlanjy güni Bekibende ugraýar. Ýolda çopan goşuna degip, egin-başyny, azygyny çoýup:

-Tuwakmyrat aga, men Bekibende baryp gaýtjak, nesip bolsa ertir däl-de birgün gelerin-diýip, özüniň Bekibende baryp geljekdigini mälim edýär.

Tuwakmyrat aga:

-Sapa jan, gitseň git welin, oňarsaň ýagşy ýerde görün, ýamandan gaça dur, tanyşlaryň ählisine salam aýt- diýip, Sapa razylyk berýär. Sapa Tuwakmyrat aga bilen hoşlaşyp, Bekibent sary ýola düşýär.

Sapa ýolda Bossany ýatlap şu kyssany howaýy ýaňlandyryp aýdar boldy.

Bir periniň joşup waspyn sözläýin,
Misli dogan aýdyr ýüzi Bossanyň.
Basan yzyn, geen ýerin yzlasam,
Bekibentdir dostlar ili Bossanyň.

Gülüp baksa bäs eýleýer bahara,
Al-ýaşyl geýinse bezeg sähere,
Sadap deý dişleri meňzär göwhere,
Bala ýogyrlypdyr dili Bossanyň.

Uz basyp sallansa gün gülüp bakar,
Aý uýalyp ýüze perdäni çeker.
Bulutlar sallanyp nuryny döker,
Aýdyňdyr ýodasy, ýoly Bossanyň.

On barmagy ýagşy işi bitirer,
Sagrysynda goşa mary titirär,
Aýdar Sapa seniň waspyň ýetirer,
Nusgadyr her işe eli Bossanyň-

diýip, Bekibende gelip ýeten. Sapany Ogultuwak ýeňňesi güler ýüz bilen garşy alýar. Oraz çarwa goşuna giden eken. Ol çarwa goşuna gitjek bolanda Ogultuwaga: “Sapa gelse, men gelinçäm gitmesin, men üç günden artyk eglenmerin” diýip sargap giden eken.

Oraz hem çarwa goşundan Sapanyň gelen gününiň gijesi öýe dolanyp gelen. Ol Sapa bilen gadyrly görşüp, obanyň, Nigär daýzanyň ýagdaýlaryny birin-birin sorap, iki dost gijäniň bir wagtyna çenli gürrüň edip, soň uka giden. Sapa günortan Bossana duşmak maksady bilen guýynyň ýanyna gelip atyny suwa ýakýar. Ol guýynyň başynda Bossana duşup bilmeýär. Sapa duşuşygy agşama goýýar. Sapa gün ýaşyp, ýagşy garaňky düşende, Oraza özüniň duşugyga gitjekdigini duýduryp, öýden çykyp gaýdýar. Aýly gije bolsa-da, asmanyň ýüzüni bulut tutup, aýyň şöhlesini yzyna gaýtarýar eken. Sapa hol at üstünde synlan Garagul depedäki ýeke çetiniň ýanyna gelip durýar. Oba gyzlaryň läle kakýan şadyýan sesleri ýaňlanyp başlaýar. Howanyň ýüzüni tutan bulut has gürelip, ýyldyrym çakmaga başlaýar, bir bölejik bulut gelip, çisňände Sapa jara girip, töweregine diňşirgenip seredýär. Töwerek garaňky bolany üçin, onuň gözüne ilen zat bolmaýar. Ýyldyrym çakyp, gök gürlese-de ýagyş ýeri öl edip diňýär. Töwerek dym-dyrslyk. Sapa garaşýar, emma Bossan gara berenok. Sapa içini gepledip: “Be Bossan gelmek üçin wagt tapmadymyka. Ýa-da duşuşygy

unytdymyka, ýa maňa hile gurdymyka?”- diýip, oturan ýerinde karar etmäni, jardan çykyp, çommalyp oturýar.

Sapa daňa çenli Bossan garaşsa-da Bossan gelmeýär. Ol öz-özüne: “Bossan bellenen güni unudan bolmaga çemeli. Ýok, ýok, unudyp bilmez. Öýden gaýtmagyna çem tapan däldir. Ýa-da näsagmyka? Ýok, näsäg bolsa-da gelip öz ýagdaýyny mälim edip giderdi”- diýip, içini gepledip “Nä sebäpden gelmez bolduň Bossanym” diýip, şu kyssa hiňlendi.

Sap ýürekden wada edipdiň bize,
Nä sebäpden gelmez bolduň, Bossanym.
Gözlerim ýoluňda garaýyp saňa,
Yzlamakdan gelmez bolduň, Bossanym.

Gije ýary bölek bir bulut geldi,
Ýagmyr bilen köýnegimi öl kyldy,
Ezildim, horlandym ýürek buz boldy,
Ýylatmaga gelmez bolduň, Bossanym.

Aýsyz gije köp garadym daşymy,
Pikir edip dargatdym men huşymy,
Gamgyn bolup akdyrmyşam ýaşymy,
Güldürmäne gelmez bolduň, Bossanym.

Sen diýip ençeme düzlerden ötdüm,

Aşyk bolup onuň ýoluny tutdym,

Sapa diýer indi men mundan gitdim,

Durarym ýok gelmez bolduň, Bossanym.

Ol kyssany tamamlap, lapykeç bolup öýe gaýdýar.

... Indi habary Bossandan alaýlyň. Bossanyň jigisi Maral alty gün bäri näsag eken. Olar Maraly aglatmany saklajak bolup, gezekme-gezegine aýaklaryny epmän dik durupdyrlar. Bossan Maraly saklanlygy üçin, öýden çykyp bilmäni, duşuşyga gelmän eken.

Şol günüň ertesi Ogultuwak Dursunlara gelip, saglyk-amanlyk alyşyp, Maralyň näsaglygyny bilen soň, onuň ýagdaýyny soran Dursun iş bilen daşaryk çykanda, Ogultuwak "Men öýe baranymda Sapa guýynyň başyna barjak" diýip Bossana özüniň name üçin gelendigini mälim eden. Bossan atmak bilen razylaşýar.

Ogultuwak köp oturmany, özüniň saglyk üçin gelendigini mälim edip, hoşlaşyp öýe gaýdýar. Ol öýe gelip Bossanyň suw almak üçin guýa barjakdygyny Sapa habar berensoň, Sapa atyny eýerläp, aty suwa ýakmak üçin guýynyň başyna baranda, iki gyz suw alyp ugrap gelýän eken. Sapa olara gabak astyndan seredip, hiç

haýsynyň Bossan däldigini bilip, guýydan suw çekip ahyra guýýar.

At suwy işdämenlik bilen içip başlaýar. Onýança Bossan täze dogan aýyň bölegi ýaly bolup, Sapa näz edip geler boldy. Sapa Bossanyň serbi boýuny synlap “Sähranyň boz jereni dek sallanybam ýarym geldiňmi?” diýip, şu kyssany aýdar boldy.

Assa ýöräp, seýkin basyp, näz edip,
Sallanybam, söwer ýarym geldiňmi?
Gülüp-oýnap, meniň göwnüm hoş edip,
Serbi boýly,inçe billim geldiňmi?

Gel, gözelim, aýdek ýüzüm göreýin,
Hyzmatyňda paýandazyň bolaýyn,
Seň ýoluňda şirin janym bereýin,
Saýrak dilli, hünji dillim geldiňmi?

Arslan dek asylyp, jeren dek böküp,
Ak ýüzüne gara zülpüni döküp,

Näz eýleýip gabak astyndan bakyp,
Garagözli, galam gaşlym geldiňmi.

Sapa joşup diýer boldy kyssany,
Seni görüp unar boldum gussany,
Baglaryň bilbili, adyň Bossany,
Ter açylan täze açgülüm geldiňmi?

Sapa kyssany gutaranda Bossan "geldim" diýip, edep bilen salam berip, oýa inip, gerdenindäki küýzäni ýerde goýýar. Sapa gyzyň küýzeden boşan gollaryny emaý bilen tutanda, Bossan uýatdanmy ýa-da ilki gezek ýigidiniň eliniň uzanlygyndan ýa-da teninine degenligindenmi näme, gyz zöwwe ýerinden galyp:

-Sapa häzir oýun gerek däl, onuň hem ýeri geler. Onsoňam gözle, honha obadan bir geli suw almaga gelýär. Biz oňa çenli ýagdaýlardan habar alaly ahyryn- diýip, guýa tarap ýönelip:

-Sapa, oba-gara, ejeň dagy saglykmy? Men öten agşam wada ýere baryp bilmedim, belki onuň sebäbini Ogultuwak ýeňňem habar edendir. Ýöne agşam maňa garaşyp çeken azaplaryň meniň günäm bilen. Ony bagyşlaweri, Sapa – diýip sözüne dingy berýär.

Sapa :

-Bossan oba-gara, ejem hem sag-gurgun, siziň wada ýere näme üçin gelmänligiňi Ogultuwak ýeňňem aýtdy. Bossanym, tersine sen meniň günämi bagyşla, öten agşam sen wada ýere gelmäňde men: “Bossanym, maňa hile gurdymyka diýip, saňa bet güman boldym”-diýip, atyň baş elinde oýnadyp başlan.

Bossan:

-Sapajan, meniň ýüregim diňe sen üçindir, sen oba geleniňde, göz baglanmanka gel, meniň özüm seniň atyň bar bolsa, ilki agşam şol öňki wadalaşan ýere bararyn. Ýöne bir zat ýadyňda bolsun, ol hem öz tarapyňyzdan meniň enem-atama habar gatmagy unutmaň. Meniň beýle diýdigim bu işiň soňy olar bilen çözüler diýdigim däl, ene-ata üçin hormatdygyny bilýärin. Onsaňam men seniň söýgüňe baş goýdum, eger başym sag bolsa men seniňki, ölsemem men sen diýip ölerin. Men seniň öňüňde ant içýän “Ölsem ýeriňki, ölmesem seniňki”. Hoş Sapajan diýip, guýudan suw çekmäge durýar.

Sapa hem: “Hoş, Bossanym, duşuşýançak” diýip, atyny münüp ýola düşýär.

Sapa ertesi Semene gaýtmazyndan öň Bossanyň “Öz tarapyňyzdan habar gatmagy unutmagyn” diýen sözlerini Oraza gürrüň berýär. Oraz Bossanyň maslahatyny makullap:

Bossan jaý maslahat beripdir, onuň ene-atasyna sawçy iberip görmeli, ýöne bu iş barada Nigär daýza bilen hem maslahatlaşmaly.

Sawçylyk gürrüňini uzaklaşdyrmaly däl, nesip bolsa onuň ugruna çykmaly. Men ýakyn günlerde Madawa baryp gaýdaýyn, baryp Nigär daýza maslahat salaýyn. Madawa geçen wagtym siziň ýanyňyza-da baryp geçerin. Şu gürrüňleri Tuwakmyrat aga-da ýetirip, onuň hem maslahatyny alarys. Sen Bossanly gürrüň barada ejeňe ýada Tuwakmyrat aga duýduran dälsiň? –diýip sözüne dyngy berende, Sapa "ýok" diýen yşarat bilen başyny ýaýkaýar.

Oraz:

-Sapa, maslahatymyz şeýle bolsun. Men Madawa geçsem, nesip bolsa hökmän degip geçerin, şonda özüňi hem Madawa alyp gidäýmegim mümkin. Aý ol zatlary baran soň maslahatlaşarys.

Sapa dosty bilen şadyýan hoşlaşyp, niredesiň Semen diýip säher çagy ýola düşýär. Oraz dostuna beren sözünde tapylmak üçin Sapa Semene gidenden bäş gün geçen soň, goşa gelip düşýär. Oraz Tuwakmyrat aga  bilen saglyk-amanlyk alyşyp, Bossanly gürrüň bilen Tuwakmyrat agany tanyş edýär. Tuwakmyrat aga bu gürrüňleri diňläp:

-Bolmana Sapa “Bekibent” diýip böküp dur-la. Oraz, oglum, goşy birikdirmek bu oýun zat däldir, aljak gelinligiňi oňat saýgarmaly, ol gyz Sapa mynasypmy? Ony hem bilmeli.Oraz:

-Tuwakmyrat aga, Sapa ony bizden öň ölçäp biçipdir, indi bize galan zat, ýaş juwanlary biri-birine çatmagyň aladasy.

-Bu gürrüňlere Nigär gelin nähili garajak, şony hem bilmeli?

-Onuň dogry Tuwakmyrat aga, men ýörite şol iş üçin obadan gatdym. Maslahaty berip otur!

-Oraz, gyzy ýagşy tanamaly bolsaňyz, onuň maslahaty habar gatybermelidir, ýöne Sapa ýaşlyk edip söýmesizi söýüp ýörän bolaýmasyn?

-Ýok, ol beýle däl Tuwakmyrat aga, gyzyň ene-atasy abraýly ýer, gyzyň özü-de edepli. Ýöne şol gyzy Sapa alyp berjek, ýerine düşjek.

-Ýogsada Orazjan, ol kimiň gyzy bolmaly? – diýip, Tuwakmyrat aga Orazyň ýüzüne nazarly seredýär.

-Ol Jumanyň gyzy.

-Boldy, boldy, Jumany gaty gowy tanaýaryn. Oraz jan, şol gyza Sapadyr, Nigär göwünli bolsa, Guzybakara dostlugymyzy berjaý etmek üçin şu agyp gelýän sürüden

geçeris welin, gyzy Sapa alyp bereris-diýip, agaran sakgalyny sypan.

Oraz goşda çaý nahar edinip, Sapany ýanyna alyp, Madawa tarap ýola düşdüler.

Olar gün ýaşyp iňrik garalanda Madawa gelip ýetendirler.

Olary Nigär daýza daş işikde begençden ýaňa tolgunmak bilen garşy alýar. Saglyk – amanlyk alyşyp, ur-tut gazany ojaga ataryp sediri tüwüden palaw asýar. Nahar ýetişen soň naharlanyp, mesawy gürrüňe geçýärler. Oraz gürrüň arasynda Bossanly gürrüňi gözgamak üçin:

-Nigär daýza, Sapa dostum-da ýetişipdir, özüne-de tur-otur ýeňil düşýän däldir, hany gelinlik barada nähili pikir edýäň? – diýip, Nigär daýza soragly garaýar.

-Wah, guzym Oraz jan, ol meniň indi ýatsam-tursam ýadymda, ýöne gelin-de saýlap almaly. Öň-de biriniň “Gelin däl-de ýalyn aldym” diýenine baraýmasyn diýip seljerilýär. Onsaňam meniň saýlan geliligim bilen Sapa jan razylaşjakmy, ýokmy ony hem bilmok – diýen.

Oraz Sapany gabak astdyndan synlap:

-Nigär daýza, eger Sapa gelinlidi özi saýlap tutan bolsa, sen Sapa bilen razylaşarmyň? – diýen.

Ol:

-Eger Sapa jan şeýle sypatlyny söýse, men ikelläp razylaşaryn – diýip, şu kyssany aýdypdyr.

Ýagşy gözel gül deý bezär giň töri,
Gül ýagşysyn özüň saýlagyn balam.
Ýaman aýal, ýada salar ol göri,
Dil ýagşysyn özün saýlagyn balam.

Gyz seni bilýärmi, sen bolsa gyzy,
Ýyllaryň bolarmy pasylsyz ýazy,
Ýalandan ýakmasyn gyz gara gözi,
Göz ýagşysyn özün saýlagyn balam .

Gelin hupbadyny çekdirme enä,
Ata kesbi bilen geçgin sen sana,
Ömürlik ýoldaşdyr jan goşsun jana,
Jan ýagşysyn özüň saýlagyn balam.

Görküne guwanma bolsun pähimi,
Ýagşyda ýatlansyn ata tohumy,
Dogan, garyndaşyň bitsin möhümi,
Il ýagşysyn özüň saýlagyn balam.

Dili süýji bolsun, ýakyna ýada,
Ota boýly bolsun, mylaýym zada,
Nigäri ýetirsin mydama şada,
Gyz ýagşysyn özüň saýlagyn balam

-diýip, bilesigelijilik bilen gobsunýar.

-Nigär daýza, Sapanyň saýlap tutan gelinligi bar. Ol uzagyrakda. Özem saňa-da, Sapa-da açyk göwün bilen golun germän hyzmat etjek gelinlik.

-Bä, Oraz jan, ol gyz nirede, kimiň gyzy, guzym?

-Ol-a, Bekibentde, dädesine Juma, ejesine Tuwakgül diýerler.

Nigär daýza "Juma Tuwakgül" diýip, iki-üç gezek gaýtalap, olary alarak tanaýandygyny aýtýar.

-Nesip bilýär-dä, Oraz jan. Sapanyň özi göwünli bolsa, gyz onuň ugruna çykyp göreris.

Aradan iki güni geçrip, Nigär daýza Oraz, Sapa dagy "nirdesiň Bekibent" diýip, ýola düşýärler.

Bular Bekibende gelip, Nigär daýza Amanagalara, Sapa bolsa dostuna myhman bolup düşýärler.

Ertesi Nigär Sona daýza bilen Juma agylara sawçylyga ugraýarlar. Bular işikden salam berip öýe girenlerinde, Bossan ýuwaşlyk bilen daşara çykyp gidýär. Sonadyr, Nigär daýza Juma, Tuwakgül daýza bilen görüşüp, Tuwakgülüň ýanyna geçip oturýarlar. Saglyk-amanlykdan soň, Tuwakgül eje Sona daýza ýüzlenip:

-Sona, gürläp oturyň!-diýär.

Sona:

-Tuwakgül, biz-ä işlije geldik, siz Guzybakar pälwany tanaýan bolsaňyz gerek- diýenden Juma aga:

-Sona, Guzybakar pälwany tanamaýan az-azdyr – diýip, Sonanyň gürrüňine goşulan.

-Tanasaňyz gowy zat, ýekeje ogly galypdy, ony indi görmäge göz gerek, pahyryň özi ýaly bolup ýetişipdir. Bu hem Guzybakaryň maşgalasy Nigär. Hawa biziň barymyz öňem garyndaş, tüweleme Bossan hem ýetişipdir. Garyndaşlygy has-da berkedeli-diýip, olara Nigäri hem tanadyp, gudaçylyk gürrüňi gozgap goýberen.

Tuwakgül gobsunjyrap:

-Hawa Sona, Nigär, işiňiz oň bolsun. Ýetişip gelýän gyzymyz-a ýok däl, bar. Gyzly öýe ýüzi geler, biri alar” diýipdirler, han-ha gyzyň dädesi otyr, ol näme diýýär, ony göreris, doganlary bar maslahatlaşarys-diýen.

Juma aga:

- Hawa, myhmanlar, kempir size jaý jogap berdi, göreris, häzir ýok ýa-da bolar diýsek ýerliksiz bolar. Onuň üçin gelip-gidip durarsyňyz, nesip bolsa alarsyňyz.

Nigär daýza:

-Hawa Juma aga, her kim ýazylanyny alar. Belki nesip bolsun-da diýip, ýere bakýar.

Şol gürrüň bilen Sona, Nigär daýza “Nesip bolsa gelip durarys, öýüňiz abadan” diýip turar bolýar. Olary Tuwakgül öýden on-onbäş ädim çemesi ugradyp, hoşlaşyp galýar.

Ertesi gün Nigär daýza, Sapa ýola düşýärler. Olar ýolda Tuwakmyrat aganyň goşuna gelip sawçylyk baradaky gürrüňi birin-birin habar berýärler.

Tuwakmyrat aga “Nesip bolsa, ýene bir aýdan özüm hem baryp gaýdaryn” diýip, Nigär daýza göwünlik berýär. Nigär Tuwakmyradyň ak ýürekden edýän aladasy üçin minnetdarlyk bildirip, dem-dynç alyp, Madawa tarap ýola düşýär. Sapa hem Madawda bir gün bolansoň, öwrülip Semene gelýär.

... Tuwakmyrat aga bu gün öňkülerinden ir turup:

-Sapa, aty eýerle, men Bekibende baryp geleýin.

Güýzüňem soňky aýy, howa-da sowap başlar. Howa sowan soň, goýnuň ýanyndan aýrylyp bolmaz - diýenden Bekibent adyny eşiden zaňňar köňli guş dek ganatlanyp,

salymyna bermäni ata eýer-şaý çekýär. Tuwakmyrat aga Bekibende gelip, Aman aganyň öýüne düşüp Sapa üçin Jumalara sawçylyga gelendigini, Juma aganyň habaryny alyp, ýetişdiginden yzyna dolanjakdygyny habar berýär.

Ol Aman agany öňüne salyp, Juma agalara barýar. Juma aga şol wagt köşege ot daňyp duran eken. Ol myhmanlary görüp, olaryň öňünden çykyp gadyrly görüşip, öýe alyp gelýär-de, myhmanlary düşege geçirip, özi daş işige çykyp, Summary çagyryp, söwüş soýmagy tabşyrýar.

Tuwakmyrat söwüş soýmak gürrüňi eşidip:

-Juma, söwüş soýmak gürrüňi goýbolsun et, az salym gümler-ýammar edip bizem ýola düşmekçi-diýen.

Juma:

-Tuwakmyrat aga, geçenleri ýatlarys. Bu gün ýatarsyň nesip bolsa erte rugsat berilse gidersiň-diýen.

Ýaşulylar oba, garadan saglyk – amanlyk alyşyp, özara gürrüňe ýazýarlar. Nahar häzir boolandan soň el ýuwulyp, nahar öňe alynýar.

Nahardan soň Juma aga myhmanlaryň habaryny alýar.

Tuwakmyrat aga Sapa üçin gudalyga gelendigini mälim eden.

Juma:

-Nigärem gelip gitdi. Oglanlar bilen hem gysgarak maslahat edildi. Kempir-ä Nigär üçin göwünli ýaly bolýar, bilmedim oňa kimiň täsiriniň barlygyny.

-Men Sapa bilen goşdaş. Ol paýhasly ýigit. Eger iş oňuna bolup, garyndaş bolsaňyz, sözüm ýalan çyksa ak sakgaldan hiňňildik uçup bilersiňiz – diýen.

Aman hem söze goşulyp:

-Juma, şol ýigid-ä oglanlaram daş gyrasyndan tanaýandyrlar. “Ýigidi dostundan tana” diýenleri, ol her aýda Oraz bilen didarlaşyp gidýär. Ol Orazyň dosty. Tuwakmyrat aga Jumadan Bossan üçin başga gelip gidýäniň barlygyny ýa-da ýoklygyny soran.

Juma Bossan üçin öz obasyndaky Hazar baýyň gudaçylyga gelendigini, Nigär sowulman oňa jogabyň ýokdugyny habar beren.

Tuwakmyrat:

-Juma, men Nigär geline näme diýip aýtmaly?

-Nigär gysylmany gelibersin. Gyzymy Nigärden gowy ýere bersimiz ýok. Indiki gelýänçäňiz belli karara geleris.

Gürrüňe Tuwakgül goşulyp:

-Howa, Nigär gysylmany gelibersin işi ugrugar-diýen, onuň beýle diýdigi “Men razy” diýdigidi. Sebäbi Nigär gelip gidenden soň ol Bossanyň habaryny alan, Bossan “Şol ýer bolar, eje” –diýen.

Ine, Tuwakgülüň gürrüňe goşulmasynyň öz sebäbi bardy. Sawçylyk gürrüň gutardy edilen soň olar rusgat alyp turýar.

Ertesi Tuwakmyrat aga yzyna gelip, sawçylyk gürrüňi bilen Sapany tanyş edip, Madawa baryp – gelmek üçin ýoluny dowam etdirýär. Madawa gelip özüniň Bekibende gidip – gelşini, sawçylyk gürrüňiniň urynadygyny Nigäre habar berýär.

Tuwakmyrat aganyň aladasy üçin Nigär alkyş okaýar.

Indi habary Bossandan eşideliň. Sawçylar gelip gidenden soň, onuň köňli Sapa üçin mähirden has-da dolýar. Ejesi şondan soň Bossana rugsatsyz gije gezmegi gadagan edýär. Bu bolsa Sapa bilen agşam pynhan duşuşmakdan gadagan edildigidi.

Bossan “goý gadagan etsinler, meni daňyp goýmasalar, Sapa duşmaga mümkinçilik dörederin” diýen pikir bilen ýaşaýardy.

Gün, aý öz gezegine aýlanyp durdy. Güýz özüniň gezegini gyşa berýär. Gyş welin şol ýyl gazaply gelen. Ýagýan garyň derdinden goýunlar iki-üç örä gidip bilmäni, taşada oňýardy. Tuwakmyrat aga on ýedi ýaşly ogly Çagyly hem gyşlyga alyp gelinýär, sebäbi aňzakda oňa mallary seretmek ýeňil düşmeýär.

Çopanlar aňzakly gyşy hem ötürýär.

Gyşyň gelişi, ýagşyny göreninde, ýaz ýaza meňzetjek ýalydy, ol tama çykmaýar.Gyşyň soňy gury sörtük bilen gutarýar.Meýdanda ot ösümini alyp bilmäni,gurakçylyk bolýar.

Tuwakmyrat aga bilen onuň sürüdeşi Sary aga maslahatlaşyp,Etregiň boýuna göçmeli bolup,ýylgynly oluma göçüp gelýärler.Bu ýerde gara çöp we bol suw bolan Tuwakmyrat aga oýunlary ýerleşdiren soň bäş-alty gün bolup Madawa gaýtýar.Tuwakmyrat gaýdansoň Sapanyň goşunda täsin waka bolup geçýär.

Goýunlar egrilen.Sary aganyň goşundan üç-dört ýüz ädim çemesi Sapa kölege dikinip,düş alyp ýatyr eken.Olaryň günorta tarapyndan üç atly görünýär.

...Indi habary şu üç atlydan alalyň.Bu atlylaryň ýolbaşçysyna Meret batyr diýer ekenler.

Şu üç atlylar Eýranyň ady belli dört derwezeli şäheri bolan Şähri Jürjänden bazarlap ikindin ara şäherden çykyp,nirdesiň Balkan diýip ýola düşýärler bular Jürjäniden  mazaly arany açanlarynda öňlerinden on dört ýaşly oglan çykýar.Olar oglandan nirä barýandygyny soraýarlar.Oglan:

-Men tokaýa odun ýygmaga geldim.Odun ýygyp ýörkäm sülgün çagasyna duşdym.Ol çala uçup bilýän eken.Men ony tutmak üçin tokaýyň içi bilen kowaladym,ol çöpe sümülip gaçdy,kowalap-kowalap köp

ýol geçipdirin.Soň garaňky düşdi.Ýolumy ýitiripdirin.Aýlana-aýlana ahyry tokaýdan çykdym.Indem Jürjäne barýan.Meniň ugrym dogrumyka?-diýip,olara ýüzlenýär.Olar ,,biz hem Jürjäne'' barýarys diýp oglany atyň ardyna alyp gaýdanlar .Olar gijesi bilen ýol ýöräp ertesi guşlyk Sapanyň goşuna gelýärler.Sapa Batyry tanap olaryň öňünden çykyp,salam berýär,olar bilen elleşip görüşýär.

Sapa oglan bilen elleşende, onuň elininň, sandyraýandygyny görüp, gözüniň nemlidigini saýgarýar.

Sapa myhmanlary kölegä getirip, egirilip ýatan sürüniň içinden bir silkmäni tutup, söwüş soýmaga başlan. Meret batyr özlerinden hol beýleräkde gaýgyly iki bükülip oturan gula "bar Sapa agaňa kömekleş" diýen, oglan tisginip ýerinden turup, Sapanyň ýanyna gelýär.

Sapa oglana:

-Inim, näme üçin meniň ýanyma gelip? Bar – da dynç al! Bu işi özüm salymyna bermäni bitirerin-diýende, oglan:

-Agam, saňa kömek et diýdi-diýip, sommalyp duryberen.

Sapa silkmäniň damak ganyny ýuwup durşuna:

-Olaryň haýsyny seniň agaň, inim?-diýen

-Olaryň hiç haýsyny tanomok, agam,

-diýende, oglanyň gözüne ýaş aýlanyp, Ýaş damja ter ýaňakdan togalanyp aşaklygyna gaýdan. Sapa oglandan sorap, onuň gawyllykda bularyň bularyň eline düşendigini bilen. Sapa oglanyň gürrüňi agyr degýär. Ol “Adamlar, adamy näme üçin diri aýralyga salyp ýakýarla. Allanyň salýan aýraslygy bolmaýarmy, bulara batyram diýjeksiň? Heý diri aýralyga ynsan ýüregi döz gelermi? Ýok, döz gelmez. Bu oglany azat etmegiň aldasyny edeýin” diýip içini gepletýär. Soň:

-Inim, men seni bularyň eminden azat etsem, sen maňa dogan bolarmyň? –diýenden oglan:

-Dogan hem bolaryn, goýun hem bakyşaryn, ýöne sorag-ideg edip kä wagt öýmüze iberip dursaň bolýar-diýip, gamly gözüni güldüren.

Sapa pudap başlan goldur gapyrgalary kölegä çekmegi oglana tabşyrýar. Oglan Sapa gowy görünjek bolup, ýeňil gopýar. Silkme pudalýar gapyrgalar, bagyr öýken dogralyp, ojakda uly ot ýakylyp, gazanda et larsyldap, gowrulyp başlan.

Meret batyr Sapanyň asym işini kemsiz berjaý edenligine göz ýetirip ony ýanyna çagyrýar. Ol batyryň ýanyna gelip oturýar-da:

-Meret aga, siz aladasyz dynç alyň, onsuzam biz özümiz üçin nahar taýýarlarys ahyryn-diýen.

Meret:

-Sapa, oba-gara, Nigär gelin saglykmy? Näme kem zadyň bar? Bolsa sözläp otur! Meret agam salamlaşyp, ötüp gitdi diýme-diýip, ýoldaşlarynyň ýüzüne garaýar. Sapa oba-garanyň, ejesiniň sag-gurgyn ýaşap ýörenligini aýdyp, edil şu ýerde guly düşlemegi ýüregine düwüp: -Kem zadym ýok däl, men ýeke, şonuň üçin şu guly maňa bagş edaýsaň-diýip, şu kyssany aýdan.

Bir ýazyksyz mende gula düşündir,
Bende guly azat eýlegin batyr.
Kysmatdandyr ençe ýoly aşypdyr,
Eziz guly azat eýlegin batyr.

Diri aýralygy alla salmasyn,
Oýnap güljek wagty güli solmasyn,
Bahyl gözi, nadan eli degmesin,
Nemli guly azat eýlegin batyr.

Ýalňyzlyk ýaraşar ýaradan haka,
Ýygyn üste baryp bolarmy ýeke?

Gamlanyp gezmesin ýaşyny döke,
Ýalňyz guly azat eýlegin batyr.

Aýralyga oglan başy döz gelmez,
Hoş boluban gamly gözleri gülmez,
Gülünden aýrylan bilbil şat bolmaz,
Saýrak guly azat eýlegin batyr.

Atadan ýeke men rehimiň gelsin,
Duşmanlar mat bolsun, doslarym gülsin,
Sapa diýer sizden razy bolsun,
Bendi guly azat eýlegin batyr.

-diýip, ondan oglany diläp ýalbaran . Meret batyr "Sapa jan, geregiň şu gul bolsun, ony alyp gal, goý biz muňa duşmadyk eken. Ýöne sen muny saklap bilmersiň. Ata – babalarymyz "gurt çagasynda ekdi bolmaz" diýipdirler. Olar ýöne ýere aýdan däldir. Bular möjegiň çagasy ýaly dogumlydyr, çemini tapsa goltygyna ýarty tegelek çörek salyp, çem gelen ugruna gaçmak bilen bolarlar" –diýende, oglan saklanyp bilmän:

-Agam, men gaçman,gaçmajagyma Alynnyň adyndan ant içýärin. Sapa aga, gaçman, doganyň bolaýyn. Bile ýatyp,

bile turaýyn. Goýun bakaýyn- diýip, ilki Sapa, soň Meret batyra serden.

Meret batyr:

-Sapa jan, bu gaçmajak bolsa, Guzybakar pahyryň hormaty üçin saňa bagş etdim-diýenden, Sapa bir gez beýgelip, batyra alkyş okaýar. Soň gazanda taýýar bolan gawurmany iki gaba guýup getirip bir gaby myhmanlaryň öňünde, beýlekisini hem oglan bilen özi öňüne alýar. Myhmanlar naharlanyp, dynç alyp, gün ikindi bolanda Sapa  bilen hoşlaşyp ýola düşýärler.

Sapa myhmanlary ýola salyp bendi edilip getirilen oglan bilen tanyşýar.Oglan Jürjänli bolup, adynyň Mämmedalydygyny, yzynda ene-atasynyň iki erkek doganynyň, bire aýal doganynyň galanyny gürrüň berýär. Sapa özünininiň goşdaş ýoldaşy gelende, ilki Madawa, soň Jürjäne gidip biljekdigini Mämmedala söz berýär.

...Tuwakmyrat aga on dördünji güni Madawdan gelýär. Ol Mämmedalynyň başyna düşen ýagdaý  bilen tanyşyp, Sapanyň jaý ýerine salan işini guwançly makullaýar.

Tuwakmyrat aga olara ertir Madawa gitmek üçin rugsat berýär.

Sapa Madawa baryp,ejesi rugsat etse Jürjäne Mämmedaly bilen gidip geljekdigini Tuwakmyrat aga duýduryp, ýola düşýär.Ol gün aganda Madawa gelip ýetýär. Sapanyň artlaşykly gelýänligini Nigär görüp, Alla niçiksi bolýar.

Nigär olaryň öýe gelmegine-de howlugyp, at ahyryň ýanynda olaryň öňünden çykýar. Sapa ejesi bilen görüşip:

-Eje, bu ýigide şähri Jürjänli Mämmedaly diýerler. Muny Meret batyrdan ini edinjek diýip alyp galdym-diýende, Nigär Mämmedalyny "balam"-diýip bagryna basyp, her ýaňagyndan ogşaýar.Mämmedaly ejesini ýatladymy ýa-da begençdenmi gözünden boýur-boýur ýaş göýberýär.

-Bozulma, balam, ine öwrenşersiň.

Sapa bilen öýňüze gidersiň. Sapa-da ýeke, dogan bolarsyň-diýip, Mämmedala göwünlik berýär.

Sapa aty baglap:

-Eje, daşarda beýdip durmalyň-da öýe baralyň-diýen soň:

-Wiý, Sapajan, Mämmedaly balamy görüp, özümiň nirede duranymy hem unudypdyryn, ýöriň öýe baralyň-diýip, jaýa ugraýarlar.

Olar Madawda uçgyn bolanda, Nigär Mämmedala birlaý täzeje eginbaş dikýär. Nigär:

-Sapajan, Jürjäne gidip gel.Mämmedalynyň doganlary bilen tanyşyp gaýt. Mämmedalyjany goýup gaýt, dogan bilen daşdan-da görüşmek bolar. Mämmedaly häzir oglan, hälişindi ene-atasyny, ýatlap sagdyn osüp bilmez. Ine,ulalar, ýagşy- ýamana göz ýetirer. Şonda doganlygy hak bolsa geler-gider durar-diýip, Mämmedala seretdi. Mämmedaly Nigär daýza ýüzlenip:

-Eje, men Sapa agam näme diýse, şol bilen bolaryn. Sapa meniň üçinji agam sen hem ejem bolarsyň. Menem öýe baryp doganlarym bilen gelerin. Olar hem Sapa mydama minnetdar bolarlar-diýip, uly adam ýaly sözleýär.

Nigär daýza Mämmedalynyň sözlerine begenip:

-Tüweleme, oglum, edil uly adam ýaly –diýip bagryna basyp, başyny sypaýar.

-Sapa ejesiniň sowgatlaryny horjunynyna gapgaryp, ok-ýaýyny dakynyp, Mämmedalyny ardyna alyp, Jürjän sary ýola düşýär. Olar soraşyp, dört derwezeli Jürjän galasyna baryp ýeten.

Mämmedalynyň öýleri galanyň orta gürpüräge-de,gaýra çetinde eken. Mämmedaly daşy haýatly jaýyň gapysyna gelip:

- Ine, agam, şu biziň howlymyz-diýip aýak çekýär.

Sapa:

- Sen şu ýerde garaş, men ýaşulularya ilki diridigiňi, soň hem getirenimi duýduraýyn. Ýogsam duýdansyz barsak olaryň ýüreklerniň üýtgemegi mümkin” –diýip, Mämmedalyny daşarda goýup, aty idip howla giren. Howla girende bir gyzjagaz ony görüp, ylgap otaga girip giden. Ol Mämmedalynyň aýal dogany eken.

Onýança otagdan sakgaly gar ýaly agaran, bili bülülen ýaşuly elini gözüniň üstüne kölegeledip,daşary çykýar.

Sapa ýaşulynyň ýanyna baryp salamlaşýar. Ýaşuly Sapanyň salamyny göwni çökgünlik bilen alyp, Sapany synlamaga durýar.

Sapa ýaşulynyň özüni tanamak isleýänligini bilip:

-Ýaşuly, şu Mämmedalylaryň öýlerimi? –diýenden, ýaşuly Mämmedalydan hoş habara garaşýan ýaly:

-Hawa, oglum, şu Mämmedalylaryň öýi. Näme öňem gelip gitdiňmi ýa-da ilkinji gelişiňmi? Düşseň-ä at tutjak diýen.

Sapa:

-Ýaşuly meniň-ä ilkinji gelişim, habarlyja geldim.

-Habaryň bolsa beriber, at tutaly, nahar edinip gidiň?- diýen.

Sapa Mämmedalydan habar berip şu kyssany aýdar boldy.

Sözüm diňle gamly goja,
Mämmedalyn görüp geldim.
Şatlanaly gel bileje,
Mämmedalyn görüp geldim.

Dag-deräni öten gamly,

Ýat illerde gözü nemli,
Hossar alan ýalňyz gumly,
Mämmedalyn görüp geldim.

Düşüpdir merdiň goluna,
Höwes eýlär öz iline,
Umytly gara ýoluna,
Mämmedalyn görüp geldim.

Bir batyrdan diläp alan,
Uzak ýoly ötüp gelen,
Sapa bilen dogan bolan,
Mämmedalyn alyp geldim.

Kyssany eşiden ýaşuly howany ýaňlandyryp "Şasoltan, Şasoltan" –diýip, gygyrmaga duran. Onýança jaýdan garry kempir çykyp "Näme kakasy?" diýip, bularyň ýanyna gelipdir.

Remezan aga:

-Ine, şu myhman Mämmedalynyň saglygyndan habar bermekçi diýýär-diýip, begençli sözlän. Şasoltan

“Kakasy, myhman Mämmedalyjandan ýagşy söz getiren bolsa, atyny tut,  nädip dursuň? Hany  oglum, Mämmedaly guzym  sagmy? Wah, oňa nirede duşduň, oglum? Sözläpdur!” –diýende, Sapa ýaşululary mundan artyk horlamaýyn diýip:

-Ýaşululylar, Mämmedalyny şu ýere alyp getirdim. Ol hol ýerde, haýadyň daşynda garaşyp dur-diýende, iki garrynyň ikisi-de gezekme gezek Sapany bagyrlaryna basyp “Wah,dilleriňe döneýin guzym, ol nirede?” diýip, Sapa naýynjar garaýarlar.

Sapa Mämmedalynyň daşarda garaşyp duranlygyny habar berende ýaşululara ýigrimi bäş ýaşyň kuwwaty gelen dek, howlynyň daşyna ýelek ýasaýarlar. Mämmedaly ejesiniň-dädesiniň hasanaklap gelýändiklerini görüp, olaryň öňünden çykyp salam berip sommalyp duran. Şasoltan begençden gözüne ýaş aýlap:

-Wah, balam, başyňa nä iş düşdi?-diýip, samsygyp, Mämmedalyny bagryna basyp duryberýär. Remezan aga “How, kempir,Mämmedalyny göýber.Ahyryn, biz hem göreşeli ahyryn. Mämmedaly ikimize-de deňlik ahyryn”-diýen soň Şasoltan ony gujagyndan göýberýär.

Remezan aga Mämmedalynyň ýaňaklaryndan ogşap, elinden tutup howla getirip, Sapanyň atyny gazykda baglap, öňüne ot döküp jaýa gelýär.

Garrylar  Mämmedalydan başyna düşen işi soraýarlar. Mämmedaly bolsa ählisini birin-birin gürrüň berýär.

Ýaşululylar Sapa alkyş baryny okap, Remezan aga:

-Sapa  senem biziň bir  çagamyz bolarsyň. Sen bahasyna ýetip bolmajak eden işiňe biz mydama baş egip, seni hormatlap gezeris.

Hasan, Röwşen dagynyň Mämmedalynyň soragyna gidenine şu gün üçülenji güni. Olaryň hem geler çeni boldy. Mämetalynyň tokaýa giden güni apy-tupan ýel boldy. Mämedalynyň ýoldaşy hem azaşyp, ol hem ertesi gün  Olaram nesip bolsa dolanyp geler. Sen indi şu ýerde üç döw ýaly doganly bolarsyň, balam!-diýip, Sapa minnetdarlyk bildirýär.

Mämmedalynyň "gelindir" diýen habary ýyldyrym çaltlygynda oba ýaýraýar. Remezan aga, Şasoltana "Gözüňiz aýdyň" diýip, gelip gidýänleriň yzy üzmeýär.

Sapa iki gün ýatandan soň Hasan, Röwşen dagy gelýär. Olar Mämmedalynyň öýe gelendigini görüp, begençden ýaňa iki bolup bilmeýärler. Sapa doganlary bilen bazarlaýar. Oňa ölçedip bir laý eginbaş tikdirýär. Nigär daýza üçin gyrmyzydyr, şaldan köýneklik häzirleýärler.

Sapany dördülenji diýlen güni Hasan, Röwşen,Mämmedaly  bilen ýola salýarlar. Şonda Mämmedaly:

-Sapa agam, meni goýup gitjekmi? Alyp git–diýip, Sapanyň ýüzüne soragly garan.

Sapa:

-Mämmedaly jan, men seni özüm bilen alyp gitjek däl. Sen indi Jürjäniň hem-de Madawyň börüsi, şonuň üçin islän wagtyň Madawa agalaryň, tanyşlaryň bilen baryp-geler durarsyň. Menem nesip bolsa geler duraryn. Ýöne birdenem Sapa agaňy unudaýma diýip, Mämmedalynyň gerşine kakýar.

Mämmedaly:

-Sapa aga, men seni ölünçäm uutmajagyma söz berýän-diýip, ötünç soraýan ýaly gürleýär.

Bular Remezan aga, Şasoltan, Mämmedaly, Patma dagy Sapany,Hasany,Röwşeni ýola salyp hoşlaşyp gaýdýarlar.Madaw diýip, ýola düşýärler. Jürjänli myhmanlar Madawa gelip, Nigär daýza, Madaw galasy bilen tanyşyp, iki günden soň rugsat alyp, Sapa bilen düşýärler. Sapa goýna gaýdýar. Sapa goýun goşuna gelip, Hasany, Röwşeni Tuwakmyrat aga bilen tanyşdyrýar. Hasandyr, Röwşen çopan goşunda nahar edinenlerinden soň Jürjän sary ýola düşýärler.

... Sapa ýigrimi ýaşyň içindedi. Ýazlag Etregiň boýunda ýylgynly olumdady. Sapa köp wagt bäri Bekibende gidip gelmändi. Ol Tuwakmyratdan rugsat alyp Bekibende tarap ýola düşýär. Ol günorta wagty Çata gelip ýetýär.

Obanyň orta çürtünde uly üýşmeleň bar. Ol üýşmeleňiň çetine baryp ýeten. Görse toý tutulyp, göreş tutulýar eken. Sapa ylgap gelýän oglany ýanyna saklan:

-Bally, şu aty sakla, men göreşeýin. Gorkma at ýuwaşdyr- diýip, uýany oglanyň eline tutdyryp, märekäniň içinden geçip, öň hatara baryp saklanýar. Şol wagt men diýen pälwanlar göreş tutýardylar. Olar ýykylyşyp aýrylyşanda, Sapa göreş meýdanyna baryp, ortada ýatan guşagyň birini maňlaýyna degrip göreş tutuşmak üçin häzirlenip duruberýär. Ýat oba bolanlygy üçin, Sapa göreş tutmagyň utançlygy hem ýok. Sapa orta çykanda, märekede gowur döreýär.’’Muny tanyýamaýt”, diýse, kimsi “özünden-ä razy bolmaly” diýen sesler Sapanyň gulagyna degip başlaýar. Sapa taý bolup otuz bäş ýaşlaryndaky pälwan orta çykan. Bular mäkäm tutulyşyp, “bolduňmy-da, bolduňmy?” bolşup ýazylýarlar. Pälwan sapany özüne dartyp badak salýar. Sapa ahmal bolmany, aýagyny çaltlyk bilen silkip alýar. Pälwan Sapany göterjek bolýar. Sapa muňada ýol bermeýär. Märekeden biri:-Durdy pälwan, ahmal bolsaň-a, ýaş pälwan saňa hezil berjek däl- diýip, göreşe kellesi gyzyp gygyrýar. Şonda Sapa özüniň il arasynda atly pälwan bilen göreşýändigini duýup, has ykjamlanýar. Sapa boýnuny bir tarapa gyşardyp, pälwany ýokaryk göterip, gapdallaýyn çalýar. Duran märekede “Tüweleme”, “Bä”, “Zor eken”, “Kimaýt şol”, “Kimem bolsa, bar git diýjek zat däl”diýen gürrüňler gowup berýär.

Sapa göreşip alan silkmegini, gyrmyzy dony alyp, oglanyň ýanyna gelip, silkmäni oglana berip.Çatdan Bekibent diýip ýola düşýär. Sapa Bossany ýatlap, şu kyssany aýdyp gaýdyberýär.

Nowruz gelen çagynda,
Bilbil saýran bagynda,
Ençe jora ýanynda,
Saýrar eziz Bossanym.

Bezenip seýle çykar,
Jerendek oýap böker,
Saýraýyp läle kakar,
Saýrak dilli Bossanym.

On barmagy hünärli,
Bezegleri geň zerli,
Näz eýlese her dürli,
Şatdyr eziz Bossanym.

Sapa guly sözleden,

Gara gözi oýnadan,

Bilbilini saýradan,

Saýrak dilli Bossanym.

Sapa Bekibende ilkagşam gelip ýetýär. Ol Oraz, Ogultuwak bilen salamlaşyp, Orazyň soramagy bilen Meret batyrdan Mämmedalyny alyp galyşyny, Mämmedaly bilen Jürjäne gidip gelşini, Çatda göreş tutuşyny gürrüň berýär. Şonda Oraz:

-Ähli işi ýerbe-ýer edipsiň, ýöne Mämmedalyny we onuň doganlaryny şu ýere getirip tanyş etmedigiň welin kemter bolupdyr-diýip, olara özüniň tamakyn garaşandygyny mälim edýär. Sapa:

-Oraz, şon-a oňarmandyryn, indikime gaýym bolaryn. Beýle zady gelejekde gaýtalamaryn, Ogultuwak ýeňňe, Bossandan habar bersene- diýip,  soragly garaýar. Ogultuwak:

-Seniň diliň gürrüňde bolsa-da, küýüň başga ýerdedigini bilýärdim. Şu wagta çenli çydam edip oturşyňa-da şükür edýärin-diýip,Sapanyň çetine degýär. Soň:

- Bossan hem paslyň bahar güli dek açylyp,tawus ýaly özüne bezeg berip,seniň geleriňe garaşyp ýörendir-diýip sözüne dyngy berýär.

Sapa:

-Seni görse gar dek pagyş-para etjek-diýen sözlemi-de sypdyrdyň,ony hem aýdan ekeniň.Men-Bossana duşýaňmy?-diýip soraýar,sen bolsaň “bahar”diýdiň “tawus” diýdiň men-ä zat düşünen  däldirin.

-Bossana düýn duşdym.Bossan “Sapa-da gelmez boldy,ýeňňejan” diýip gamlandy.“Sapa gelse şu kyssany ber” diýip goýberdi-diýip,Sapanyň eline şu kyssany tutdyrýar:

Garaýan men ýoluňa,
Sözleşeli bäri gel,
Gül gowşurjak eliňe,
Elleşeli bäri gel.

Gelmeseň özüm bardym,
Guwanyp böküp durdym,
Gözeli saňa berdim,
Sallanaly bäri gel.

Ilki habarym alan,
Şanyma çemen bogan,

Gül ýüzi görip guwan,

Guwanaly bäri gel.

Ötdi gadyr gijesi,

Bulutlandy gijesi,

Bilmez gyzyň ejesi,

Şatlanaly bäri gel.

Ýigitlerden zyýada,

Nokat goýdum uýada,

Bossan üçin şazada,

Ballanaly bäri gel.

Sapa kyssany okap wagty hoş bolan.Olar özara mesawy gürrüňler edip, gijäniň köpsini geçirip ýatýarlar. Ertesi Ogultuwak Bossanlara baryp, Bossana Sapanyň gelendigini habar berýär. Bossan guýynyň başynda duşuşygyň bolmaýandygyny, agşamlaryna ejesiniň oýnamaga ibermeýändigini, ýöne öňki duşuşyk ýerde

garaşmagy sargap, agşamyna asmanyň bulutludygyny bu bolsa duşuşmaga amatlydygyny aýtýar.

Bossanyň aýdýanlaryny Ogultuwak Sapa gelip gürrüň berýär. Sapa gün ýaşýança wagtyň köpsüni uklap geçirýär.

Aty-da suwa Oraz ýakyp gelýär.

Sapa gün ýaşyp garaňky gatylyşanda duşuşyk ýere gelip garaşar boldy. Aýyň çala ýagtysy obadan çala saýgartýar eken. Ilkagşam ötdi, daňa golaý Bossan çölüň boz jereni deý sallanyp gelýär. Şol wagt Bossany bahyl gözden penalaýan ýaly, bir bölejik bulut aýyň öňüni tutar boldy. Sapa Bossan golaýa gelende, onuň sallanyp gelşine joşup şu kyssany aýdar boldy.

Tolgunmagyn däli köňlüm,
Sallanyban ýarym gelýär.
Bilbil bolsaň saýraý dilim,
Ter açylan gülüm gelýär.

Aý ýüzüne zülpün ýaýyp,
Bezeniban gyrmyz geýip,

Biziň sary gadam goýup,
Täze dogan aýym gelýär.

Gamdan açyp köňlüm alan,
Aşygyny ýada salan,
Müň kereşme näzi bilen,
Holha meniň ýarym gelýär.

Gitme bulut seýran eýle,
Sal kölege saýa eýle,
Bahyl göze pena eýle,
Gujak açyp ýarym gelýär.

Duşuşmadyk ençe aýlap,
On sekiziň toýun toýlap,
Gyşy sowup, bahar eýläp,
Sapa diýip, Bossanym gelýär.
Sapa diýip, ýarym gelýär.

Sapa kyssany gutaranda, Bossan:

-Salam, Sapajan! Ine geldim- diýip, özüni Sapanyň giň gujagyna taşlaýar. Sapa salama salam bilen jogap gaýtaryp, Bossany bagryna basýar.

Aşyklar inçe billeri gujaklap, ter ýaňakdyr, ýylmanan dodaklardan köňüller injalýança posa alyp, soň ýeriň oýuna sowulup, ak gollary boýundan geçirip, aradan geçen inçe bagtyň aýralygy barada gürrüňleşýär.

Bossan ejemiň sawçylyk gürrüňinden bäri gije gezmegi gadagan edişini, Nazar baýyň gudaçylyga gelşini gürrüň berip, sawçylyk gürrüňini belli başly etmegi Sapa maslahat salyp:

-Sapa, men gideýin, birdenem ejem oýanyp ýerimi gözläýgamasyn. Eger duýsa mundan hem galarys. Ýöne gudaçylyk gürrüňini bir başly edeli . Soňuny soň maslahat ederis – diýip, turjak bolýar.

Sapa naçe otur diýse-de, Bossan şol bir diýenini tutup “Egleme, Sapa jan, rusgat ber!” – diýip, gargözlerini güldürip gitmek üçin rugsat sorap, maňlaýyny Sapanyň döşüne goýýar.

Sapa Bossan üçin Jürjänden ýadygärlik diýip alan gyzyl ýüzügini jübüsinden çykaryp:

-Bossanym, Jürjänden ýadygärlik – diýip, ýüzügi Bossanyň barmagyna ötürüp bagryna basyp gitmägine rugsat berýär.

Bossan maňlaýyny Sapanyň döşünden aýryp:

-Sowgadyň üçin sag bol Sapa jan bu ýüzükden mydama seniň güler ýüzüň görüner. Hoş, sag gez, Sapajan-diýip, yzyn gözleý-gözleý gidýär. Sapa hem Bossany oba çenli gözi bilen ugradyp, ara ýoňsuz wagt salyp oba gelýär.

Sapa irden göni ýylgynly oluma girip, gün aýagyny ýere dirände Tuwakmyrat aganyň goşuna gelip düşýär. Ol Tuwakmyrat agany Bekibentli tanyşalyň salamyny gowuşuryp, bir baýyň Bossan üçin gudalyga barandygyny habar berýär. Bu habary eşidip Sapany ertesi Madawa ýollap, Nigär daýzany Bekibende baryp gudaçylyk gürrüňi gutarnykly etmegi maslahat berip, hoşlaşyp galýar.

Sapa Madawa gelip, ertesi ir bilen gelip ejesini alyp Bekibende gaýdýar. Nigär Bekibende gelip, Sonany ýanyna alyp Juma agalara barýar. Tuwakgül olary güler ýüz bilen garşy alýar. Juma aga öýde ýok eken. Tuwakgül olar üçin nahar taýýarlaýar. Myhmanlar nahardan soň, gudaçylyk gürrüňi gozgaýarlar. Tuwakgül daýza:

-Nigär, ine ýaşuly-da geler, sizem köp azap etdiňiz, maslahatlaşyp, gutarnykly karara geleris-diýip, hoş habar berýär. Onýança Juma aga iki sany boz jereni awlap gelýär.

Juma aga dem-dynjyny alan soň,ol:

-Nigär gelin, Sona, ugur haýyr bolsun!-diýip, myhmanlaryň habaryny alýar.

Nigär daýza:

-Juma aga, enşalla ugur haýyrdyr. Köp wagt geçýär, hem görme-görüş bolar, hem-de gudaçylyk gürrüňi berkideli diýip geldik – diýen.

-Nigär gelin, şu gürrüňlere meniňä garşylygym ýok. Galan gürrüňleri ine kempir otyr. Özüňiz gördäň, sähedini belleşiberiň-diýip, işi ugruna edip göýberýär.

Tuwakgül daýza:

-Ýaşuly, kempir biler diýip, biziň gürrüňlerimize soň goşulmajak bolsaň, häzir aýdyp otyr. Ýogsa-da gelindir gyz bilen maslahatlaşyp toý sähedini belläp, Nigäri ýola salarys – diýip, Jumanyň ýüzüne soragly garaýar.

-Bolar, kempir, geňeşde işi ugruna ediň – diýen soň Tuwakgül Dursunyň ýanyna çykyp, girýär-de soň bir salymdan öwrülip gelip:

-Nigär, Sähedi Gurban aýynyň içi bolmaly. Sen-de Madawa baryp sähedi artyk adamlar bilen maslahatlaşarsyň ýok. Ine ýaşuly, Sona oturyp, sen öz gowy görýän sähediňi belle, soňra hemem bize gowy bolar-diýdi. Nigär:

-Gurban aýyna çenli iki aý bar. Toýa-da taýýarlyk görmek üçin wagt bar. Nesip bolsa sähedi gurbanlygyň ýigrimsi güni bellesek neneň bolar?- diýip, Sona soragly garaýar.

Sona:

-Oň bolsun,Nigär,gurbanlygyň ýigrimsi hem belli sähetdir-diýip Tuwakgülüň ýüzüne begençli seredýär.Sähet bellenilip,ertesi Sonadyr,Nigär Madowa ugraýarlar.Nigär Madowa gelip toýuň gurban aýynyň ýigrimsine bellenendigini,ene süýdi üçin birköşekli düýe getirmegi aýdandyklaryny Tuwakmyrat aga ýetirmegi sargap Sapany goýun üstüne iberýär.Sapa goýun goşuna gelip ejesiniň sargydyny Tuwakmyrat aga ýetirýär.Tuwakmyrat aga:-Sapajan,oň bolsun,Nigär gelin-ä zor iş bitiripdir.Toý barada Nigär gelin bilen maslahatlaşaýyn.Soň toý şaýyny tutaly-diýip,Madowa gelýär.Toý barada Nigär bilen maslahatlaşyp köşekli düýäni satyn almaly edilýär.Şeýle hem toýy sowmak üçin Jürjände goýun hyrydarly bolanly sebäpli Sapa bilen Çagyly Jürjäne mal söwdasy üçin iberip,bazarlap gelmeklik maslahat edilýär.Şol maslahat bilen Tuwakmyrat aga Çagyly yzyna tirkäp,Madowdan Ýylgynly oluma gelýär.Ertesi güni Sapa degişli ýüz,özündenem ýigrimi bäş men diýen erkek goýny saýlap,Sapa goýunlary satandan soň almaly zatlary,ýolda-yzda tanyşyňyz hem bolsa goşa adam almazlygy sargap olary ýola salyp, şu kyssany aýdan.

Sapa jan gitseň Jürjäne,
Haramydam ägä bolgun.
Hossar eýläp Çagyl jana,
Aga deýin mährem bolgun.

Ýoluň uzap barsa beke,
Goşdan aýry  çykma ýeke,
Ynansaňda ýalňyz haka,
Eziz jana mäkäm bolgun.

Derwüş diýip alma goşa,
Betpäl aýdyp gelmez gaşa,
Kynçylyk düşäýse başa,
Ýagşy çözgüt gözlär bolgun.

Gapyl uka berme nobat,
Mal başyna eýle abat,
Ýagşy päl ynsana döwlet,
Ýagşy päle hemra bolgun.

Tuwakmyrat göwün hoşlar,
Ýagşy işiň öwün başlar,
Toýa geler deňi-duşlar,
Toý şaýyny tutup gelgin.

... Indi habary Nazarbaýdan alalyň. Nazar baý eli çeper, aý diýseň aý, gün diýseň gün ýaly görmegeý, edepli Bossan gyzy öz ortanjy ogly Suhana alyp bermen öýdenoknokdy. Ol Bossany Sapa bermeklige onuň ata-enesiniň razy bolup, sähediniň bellenendigini eşidip, "şol ýetim ogly eşege ine gana gyzy bersem, men Nazarbaý bolmadygym,meniňem toprak  başyma" diýip, aç gurt ýaly hars urup başlaýar. Obada almyt bolsa din-imanyndan geçýän Şammy diýen il ýigrenjisini ýanyna çagyryp:

-Şammy han, sen Jürjäne gitmeli bojak. Jürjäne baryp gelenligiň üçin saňa ýyl azyk bolar ýaly peşgeş hem  bar, ýöne etmeli işiň hem ýeňil däl-diýip, sözüne dyngy berýär. Şammy Nazar baýyň peşgeşinden galyp barýan ýaly:

-Nazar baý, Şammynyň özüne buýrulan işi ýerine ýetirmäni, heniz yzyna dolanan ýeri ýokdur. Jürjäne näme

üçin baryp gelmelidigini eşideli. Işiň nä wagta çenli bitjekdigini saňa aýdarys-diýip, köse sakgalyny sypalaýar.

-Şammy han, ertir ýigrimi ýaş töwereginde Madawly ýetim, öz ýanyna 17-18 ýaşly ýigidi alyp Jürjäne goýun satmak üçin ýola düşýär.  Şol ýigidiň ulysy Sapanyň ýolda ýogyna ýanmaly, eger ol iş başa barmasa, Jürjände para-peşgeş bilen ony ömürlik zyndana saldyryp bilseň, onyň hiç hili hossary ýokdur, zyndanda çüýräp galar.

Şammy ýumuşy eşidip:

-Baý aga, ol ýumuşy seniň aýdyşyňdan-da üstün ýerine ýetireris.  Olar ertir Ýylgynly olumdan ugraýan bolsa, men şu gün ugraryn, Etrekden geçip, olaryň öňünde bolmaly bolar-diýip, gözüni güldüren.

-Şammy han, Sapa pälwan diýýärler, ahmal bolma. Gerek zadyňy al, işiň oň bolsun. Ýöne şu gürrüň ölünçäň içiňde bolsun, eger eşdiläýse, menden zady gaty görmesiz bol. Häzirlikçe peşgeşiň şu bolsun-diýip, horjundan taýly penje gyzyly Şammynyň öňüne oklaýar. Bu uly baýlygy görüp, Şammynyň huşy tas başyndan uçupdy. Şammy gün ýaşandan soň, atyna atlanyp, Sapanyň kastyna çykýar. Ol daň ýyldyz doganda  Etrekden geçip, Jürjene gidilýän ýoluň ugrundaky bir  düýp ullakan ýylgyna atyny baglap, Sapanyň gelerine garaşyp ýatyberýär.

... Indi habary Sapadan alaly, Sapa dagy goýny gezekme-gezek sürüp, gün dogamzynyň öň ýanynda Şammynyň

deňinden ötüp gaýdýarlar. Şammy bulary deňinden ötürüp, az salym gözüniň awysyny almak üçin irkilýär. Soň oýanyp atyna atlanyp, gün guşluk çeni Sapadagynyň yzyndan ýetýär. Şammy yzyndan ýetende Çagyl goýun sürüp gelýär eken. Sapa atly. Ol  yzlaryndan gelýän ýeke atlydan  ätäçiýet edip, ok-ýaýany barlap, okuň gabynyň agzyny açyp goýýar.

Şammy Sapadagy bilen salamlaşyp olaryň öz gözleýän adamlarydygyna ýagşy göz ýetirip:

-Oglum, menem Jürjäne bazarlap gelmek üçin barýaryn, ýolumyz bir eken. Bile gideris bazalarys-diýip, Sapa bilen deňlşip, aty sürüberýär.

Sapa:

-Ýaşuly, belki dogan – garyndaşlygymyz bardyr, onaçasyny bilemok. Kim bolsaň-da bize tapawudy ýok. Biz “Doganyňyz bolsa-da, goşdaş bolmaly däl” diýen tabşyryk bar. Sen bagyşla, ýaşuly. Onuň üçin bizden birki ýüz ädim ýa öňden ýa-da yzdan gidip, şeýle aralykda ýatyp turmaly bolarsyň, eger ozup gitseňde bazarda duşuşmaly bolarys-  diýip, Şammynyň ýüzüne gözüniň agyny köpeldip sereden.

-  Oglum, menem siz ýaly çopan, menden size kömek bolsa bolar, zyýan ýetmez. Ötüp git diýseňiz gideris-diýip, Sapa soragly seredýär.

Sapa:

- Ýaşuly, öt, gal, ol öz işiň- diýip, atyny gorgunyna sürüp, Çagylyň yzyndan ýetýär.

Şammy bialaç bolup “Jürjäne baryp, bularyň öňünde duzak gurup goýmaly” diýip, içini gepledip, atyny gorduryp, Sapanyň deňinden ötüp gidiberen. Ol şol gelşine Jürjäniň derwezesine bir müň ädimden yzyrakda öz bag-bakjasyny saklap oturan Jürjänliniň deňesine gelip, salam berýär. Jürjänli onuň salamyny alyp, düşse at tutjagyny aýdýar. Şammy düşmäge göwünlidigini habar beren soň, Jürjänli onuň atyny tutýar. Şammy Jürjänli bilen tanyşyp, onuň adynyň Seýitdigimi bilýär. Şammy özüniň adyny gizläp, Ýagmyr diýip atlandyrýar. Seýit:

- Ýagmyr, obaň nirede, bu ýere näme diýip gelýäň?- diýende Şammy edil ýeri geldi diýip, mekirlik bilen ýalandan:

- Seýit aga, Men-ä Balkanly bolaryn. Gelşimi saňa beýan edäýsem hem boljak, sen hem meniň ýaly gara günine kaýyl ýaly bolýaň. Gür bersem uzaga çeker, ýöne gysgaldyp aýtsam, meniň kiçi oglum bir baýyň gyzyna aşyk boldy. Gyz hem ony söýdi, emma baý gyzyny ogluma bermäge razy bolmady. Oglum baýyň gyzyny alyp gaçdy. Olar Balkan dagynda gizlendiler. Baý olary gözledi ilki derek tapmady. Soň bir çopan olary görüp penalamaga derek baýa habar berýär. Baý hem üç-dört atly iberip oglumy we gyzyny öldürtdi. Ine, oglumyň

ölümine şugul çopan sebäp boldy, hem-de ganlym bolup galdy.

Men ol çopany alyp-da biljek ýöne ganly bolup onuň dogan – garyndaşlaryny meni ýa-da ýeke oglumy almaklary mümkin. Men arymy ýerine salaýyn diýip, ýola çykdym. Şol çopan şu gün ýa-da ertir Jürjäne goýun satmak üçin geljek şony aljak ýa-da zyndana basdyryp biljek agamyň gözleginde, onuň bitiren işi üçin şu gyzyly hem peşgeş berjek – diýip, ýarty penje gyzyly jübüsinden çykaryp, Seýdiň öňüne oklaýar. Gara görse gözi açylýan Jürjänly onuň kellesini alyp bilmesede ömürlük zyndanda basdyryp bilerdim-diýen.

-Seýit aga, kelle alyp biljegi salgy ber! –diýip, näzini artdyran bolýar. Seýit:

-Gör Ýagmyr, kelle aljagy gözle, tapdyrmagy hem mümkin. Ýöne amatly pursady elden syndyryp, zyndana basjak-da tapylmany, öwrülip gelmeseň bolýar-diýip, Şammydan hem durmaýar. Şammy bialaç Seýid bilen razylaşmaly bolýar.

Ol ýarty penje gyzyly Seýidiň eline tutdyryp, Sapany ömürlük zyndana basdyrmaklygy boýnuna dakyp, onuň bu işi nähili gurajakdygyny soraýar. Seýid “Ýigit goýny sürüp geler, menem şu daňylgy iki iti boşadyp gykylyklap öňünden duýdansyz bararyn, goýunlar ürküp, ýaňy sorulan bakja dolup, ösüp oturan ýaş sogandyr, käşiri ýere

sokar. Ine, günäsi goýny bakja salan bolar. Soň onuň günäsini agraltmak üçin seniň beren gyzylyň ýaryny soltana ümläris weli, ol ýigit ömürlik türmede çüremeli bolar-diýip , jak-jak gülýär.”

Seýdiň Sapa gurjak oýny Şammynyň göwnünden turmaýar. Şammy şol gün Seýdiň goşunda ýatýar. Ertir guşluk  bilen Sapa goýun sürüp, Çagyl atly gelýär. Şammy buky ýerde oturup, günälenmeli diýip Sapany görkezýär. Şondan soň Seýid buky ýerden çykyp, daňylgy itleri zynjyrdan boşadyp, uly gykylyk bilen goýunlaryň öňünden barýar. Goýunlar duýdansyz topulan itlerden gykylyk sesden ürküp, dargap täze suwarylan bakjanyň içinde köpsi batýar.Batmadygy bolsa yza dargaýar.Bakjanyň ýigrimi-otuz ädim ýerini ýere sökýär.

Seýit Sapanyň ýakasyndan tutup:

-Seniň gözüň ýokmy,goýny göni bakjanyň içinden sürüp?-diýip,gykylyk baryny etýär.

Sapa kuwwatly goşary bilen Seýidiň elini ýakasyndan aýryp:

-Ýaşuly,bu ýagdaýa özüň günäkär,parahat gelýän goýunlary itli gykylyklap,ýoldan özüň çykardyň.Eger biz günäli bolsak,bizi bagyşla.Şol ýetiren zyýanymyz üçin bolsa,şu goýunlardan isläniňi al-da,bize ýol ber!-diýip,ylalaşyjy gepleýär.Seýit:

-Men senden näme almaly,näme etmeli däl,bagyşlamalymy ýa-da ýokmy,döwlet adamlarynyň üsti bilen çözerin-diýip,edýär nadarany.

Sapa sen diýýäňmi hem diýmäni,goýunlary ýygnap,derwezä garşy sürüberýär.Bagbanyň welin şol gykylyklap gelşidi.Ol Sapadan Sapadan öň derwezewanyň ýanyna gelip,Sapanyň eden işini aýdyp:

-Men döwlet adamlaryndan adam getirýänçäm,ony gala salma?-diýip,galanyň içine girip giden. Onýança onuň gözüne iki sany ýasawul kakalaşýar. Ol ýasawullary ýanyna çagyryp, Sapa barada şugulçylykly gürrüň berýär. Ýasawullar:

- Keçe telpek türkmenler indi biziň üstümize gelip,göz boýagçylyk edip başladylarmy?-diýip, hum ýaly çişip, Sapanyň ýanyna gelýärler. Ýasawullar bagbanyň bakjasyny görüp:

- Seýit aga, biz bu eşek ogrusy türkmeniň gözüne näme görkezeris, soňundan sen bir gör-diýip, gahar bilen Sapanyň ýanyna gelen. Sapa rejäniň geň däldigini aňyp, Çagyla Mämmedalylary salgy berip, derwezewana hem “Şu oglana Remezan agalara barmaga kömek et” diýip haýyşt bilen şu kyssany aýdar boldy.

Derwezewan diňle sözüm,
Bir ýagşylyk eýle maňa.
Ýamany görüp dur gözüm,
Bir ýagşylyk eýle maňa.

Geldik uzak ýoly söke,
Razy men agyr ýüke,
Oglany goýmagyl ýeke,
Bir ýagşylyk eýle maňa.

Niýetim päk işim hakdyr,
Alajym ýok, ýolum bekdir,
Bagbandan rehim ýokdur,
Bir ýagşylyk eýle maňa.

Mekir goja goýdy oda,
Bet gylykly ýetmez şada,
Doganlarym gelsin dada,
Bir ýagşylyk eýle maňa.

Häzir başda ahyrzan,

Allahym eýlesin aman,

Gutulmak Sapaga güman,

Bir ýagşylyk eýle maňa.

Sen ýagşylyk eýle bize.

Derwezewan “Bu ýumuşyňy bitirin ogulum” diýip, Sapa rehimi inýär. Ýasawullar Sapany soltanyň ýanyna alyp gidýärler. Sapany soltanyň söbük basary kabul edýär. Bagban Sapanyň ustüne öz guran hilesi bilen günä ýükleýär. Ýasawullar bagbanyň sözüni tassyklap, öz gözleri bilen görüp, günäkäri alyp gaýdanlyklaryna şaýat bolýarlar.

Gezek soragy Sapa ýetende “mende günä ýok, meni ýalandan ýakma goja” diýip, şu kyssany aýdan

Men-ä bir ýazyksyz bende,

Ýalan töhmet etme goja.

Näme hakyň köýdi mende,

Hakyň bolsa sorgul goja.

Nä hak maňa duşman bolduň,

Maly bakja özüň saldyň,

Uýalmany töhmet kyldyň,

Ymanyň ýuwutduň goja.

Ýag’y niýet bilen geldim,
Päliň bozukdugyny bildim,
Hilegäre duçar boldum,
Ak sakgaldan uýal, goja.

Ýaşyň altmyşdan aşypdyr,
Bilmenem aklyň aşypdyr,
Günäsiz bendä duşupdyr,
Ahyreiň gözle, goja.

Sapa munda ejiz guldur,
Hak ýaradan maňa ýardyr,
Galaňyzda agam bardyr,
Senden hasan sorar, goja.

Sapa soltanyň söwükbasaryna wakany bolşy ýaly gürrüň berýär.

-Seniň bakjany zaýalanyňa şular şaýat bolýar. Olaryň gözi bilen görenleri hakmy? – diýip, söwükbasar ýasawullary görkezýär. Sapa “hawa” diýen yşarat bilen kellesini yran. Şondan soň soltanyň söwükbasary ýasawullara gitmek üçin rusgat berýär. Arz jaýda üç bolup galýarlar. Ýasawullar gidensoň, bagban soltanyň söwükbasaryny “bäri gel” diýen yşarat bilen arz jaýyndan daşary çagyryp, Şammynyň özüne beren ýarty gysym gyzylynyň ýaryny ümläp, “şy deýýus türkmeniň gözüne Jürjände döwlet bardygyny görkezip, gözüni zyndanda ömürlik aşdyrgyn” diýip, gülen bolýar. Onsuz hem Sapany zyndana taşlamaga razy söbükbasar gyzyly görüp, Sapanyň ýanyna gelip:

-Günäkäriň işini derňäp. Şonuň üçin siz bagban gidip bilersiňiz. Günäkär sizem tutsag-diýip, gapyda duran iki ýasawuly çagyryp, Sapanyň aýagyny kündeläp, zyndana taşlamaklyga perman berýär. Ýasawullar Sapany zyndana eltip, aýagyna künde urup, garaňky zyndana taşlaýarlar. Sapa ýat ýurtda bendi bolşuna gam bolup, Allany, bilýän ýagşy zadalary çagyryp, şu kyssany aýdar boldy.

Ýazygatdandyr şükür kylýan ýaradan,

Biribarym azat eýle zyndandan.

Ýoksuzlykdan bar ediban döreden,

Medet kärim azat eýle zyndandan!

Atam Adam ata, enem How ene,
Aglamakdan ýaşym dönendir gana,
Myhammet pygamber, doga kyl jana,
Pygamberim, azat eýele zyndandan!

Ýigitlere Alla diýip at salan,
Guburyň bilmenem, kaýda jaý alan,
Pygamberzadanyň giýewi bolan,
Aly şirim, azat eýle zyndandan!

Ençe dere, dagy, düzleri aşan,
Ýoldaş bolup ýagşy bilen baş goşan,
Babamy yzarlap, Çatda gowuşan,
Hydyr atam, azat eýle zyndandan!

Öz ilimde ýeke ilimde enem galandyr,
Aglamakdan güler ýüzi solandyr,
Atam meni senden diläp alandyr,
Şiş pygamber, azat eýle zyndandan!

Sapa guluň dileg salandyr size,
Ýazyksyzam çeper boldum men jeza,
Ýaradan Allahym, medet ber bize,
Hak Ýaradan, azat eýle zyndandan!

... indi habary Çagyldan alalyň. Derwezewan geçip barýan bir ýigidi ýanyna çagyryp, “Şu oglana Remezan agalary görkez” diýip, Çagyly maly bilen onuň ýanyna goşýar. Nätanyş ýigit Çagyly Remezan aganyň haýadynyň gapysyna getirip “Habarlaşar ýaly adam bolsa çyksyn how” diýip haýkyrýar. Bu sözi eşdip jaýdan Remezan aga çykyp, haýadyň gapysyna gelende, ol ýigit ýaşuly bilen salamlaşyp, şu ýigide sizi görkezmek üçin gelendigini aýdyp, hoşlaşyp, öz ýoluny gidiberýär. Remezan aga Çagylyň ýanyna gelip, saglyk-amanlyk aýdyşýar. Çagyl ýaşula Sapanyň şu ýeri salgy berendigini, Sapanyň başyna düşen işi aglap gürrüň berýär. Çagylyň aglap durşuna ýaşuly bozulýar. Onýança haýadyň daşyna Mämmedaly çykýar. Ol gelen badyna Çagyl bilen elleşip görüşýär. Sapanyň atyny tanap, ony idip, dädesine-de “Goýuny haýada salaly” diýip, Çagyl bilen öýe ugrap, aty baglap, Çagyly öýe getirip, soň goýunlary haýada salýar. Mämmedaly Sapanyň başyna düşen işi Çagyldan eşdip, agalarynyň dükanyna ylgaýar. Ol Hasanyň, Röwşeniň ýanyna gelip, Sapanyň başyna düşen işi aglap gürrüň

berýär. Mämmedaly bu agalary bilen tirkeşip göni soltanyň arz jaýyna tarap gaýdanlar.

Indi habary Bossandan alalyň.Şammy Jürjänden gelip,Sapany ömürlik zyndana basdyranyny Nazar baýa habar beren.Nazar baý obanyň belli şugulçysy Anna ýetiren,Anna-da kölege-kölege aýlanyp,ençeme erkege ýetiren,käbir erkegem aýalyna ýetiren.Şeýdip bu şum habar baryp Bossana ýeten.Bossan bu habary gelnejesinden eşidip ,huşu başyndan gidip ýatýar.Özüne gelip,göni Ogultuwagyň ýanyna ylgaýar.Olara gelse Ogultuwak dolaklyk dokap oturan eken.Ogultuwak Bosssanyň perişan halyny görüp:”Ýöri,Bossan,eýgilikmi,bir gyz?ýüzüň¬-gözüň nä perişan?”diýip Bossany bagryna basýar.Bossan ýyglaýyp şu kyssany aýdar boldy

Ýeňňejan arzym sözlesem,
Sapa üçin ýyglaýar men,
Giden ýoluny yzlasam,
Ýarym diýip ýyglaýar men.

Ýary, ýat ilde galypdyr,
Dost aglap, duşman gülüpdir,

Ömürlik bendi bolupdyr,
Şonuň üçin ýyglaýar men.

Bilmen meniň günäm batdy,
Döwran rakyplara ýetdi,
Şum habar bagrymdan ötdi,
Sapa diýip ýyglaýar men.

Bossan diýer gamdyr başym,
Dynman akar gözde ýaşym,
Dileg etsin deňi-duşym,
Sapa üçin ýyglaýar men.

Bossan kyssany tamamlap, gözlerinden ýaş akdyryp, başyna düşen şumlugy Ogultuwaga gürrüň beren. Ogultuwak bu şum habary eşidip bozulýar, ýöne Bossana göwünlik bermek maksady bilen aglamakdan zordan saklanyp:

-Bossan, bu habar daş ýeriň darabasydyr.Ýa-da bir şumuň, oýlap tapan toslamasydyr. Sen bozulma, takdyra ten beren ýagşydyr. Şu gün Oraz agaň-da geler. Ony naharlap ýetişdigimizden, dynç bermäni, göni Sapanyň

ugruna ibereris diýip, tolgunmak bilen göwünlik berýär. Bossan nemli gözüni eli bilen süpürip:

- Ogultuwak ýeňňe, Oraz Madawa baryp, Sapanyň ýagdaýy bilen tanyşyp tiz öwrülmek bilen bolubersin. Eger habar çyn bolsa, ene-atanyň maňa bagyçlajak ähli şaý-sepini Sapanyň ýoluna bagyş etýänligimi hem aýt- diýip, Ogultuwagyň boýnundan asylyp ýyglaýar. Ogultuwak Bossanyň gyýylan köňlüne melhem boljak öwütler berip, birneme köşeşdirip, öýlerine ugradýar. Bossan ugrap barýarka “Ogultuwak ýeňňe Oraz Madawdan güniň, gijäniň näwagtdygyna garamazdan öý gelse, maňa habar edeweri” diýip, öýlerine gaýdan.

Oraz çopan goşundan bäş güni geçirip, öý gelýär. Ogultuwak Orazy naharlap Sapanyň başyna düşen işi gürrüň berende Oraz gama batýar, azyk zadyny alyp, ondan habar tutmak üçin ýola düşýär.

... Soltan Hasanyň dagy golaý daýy tarapyndan garyndaş eken. Bular soltanyň arz jaýyna baranlarynda soltan ýok eken. Oňa derek ornunda söwüt basary Asgar oturan. Bular Asgar bilen gezekme gezegine görşüp, Sapa barada soraýarlar. Asgar Sapany talaňçy höküminde zyndana salandygyny habar berýär. Hasan dagy bagbanyň çeken zyýanyny doly tölejekdiklerini, Sapanyň boşadylmagyny talap edýärler. Asgar şertdinden dänmejek bolup, “Soltan gelýänçä boşadyp bilmen. Soltan şa köşgüne gitdi. Goý göýberse özi gelip göýbersin” diýip, dymýar. Hasan

“görýän welin sen biziň doganymyzy tanaýan däl bolmaga çemeli. Seniň zyndana salanyň Mämmedalyny basmaçalardan alyp, şu ýere getirip giden ýigitdir. Ol-a soltan, şa çenli arz edip, ony zyndandan boşadarys. Ýöne bir zadam bilip gal, eger zyndanda şol oglanyň bitiniň burny-da ganasa, çalkele bilen jogap berjegiňi unutma. Soltana garaşmaly bolsa garaşarys welin, hany häzir ýigidi görmek üçin hat ber biz şol ýigidi gitjek diýip, sözüne dynç berýär.Asgar:”Ýigidi görmek üçin hat berip bileris”diýip,peri syýa batyryp,hat ýazyp,ony Hasanyň eline tutdyrýar.Doganlar zyndany saklap duran ýasawulyň eline haty tutdurandan,ýasawul gidip aýagy kündeli Sapany alyp gelýärler.Bu ýagdaýy görüp ,Mämmedaly Sapanyň öňünden ylgap baryp boýnundan asylyp,aglamaga durýar.Sapa Mämmedala “aglama inim,aglama”diýip,şu kyssany aýdypdyr.

Göz ýaş ejizlik nyşany.
Aglama,inim,aglama.
Güýçlimi agaň duşany?!
Ýyglama,inim, ýyglama.

Gowuşdymy çagyl size,
Zardyr oglan güler ýüze,

Çekäýmesin ol hem jeza,
Bozlama,inim,bozlama.

Bagybandan etdi günä,
Gözüm düşmez dogýan güne
Balasyna zardyr ene,
Ýyglama,inim,ýyglama.

Günäm ýokdur daşym sakly,
Aýagym zynjyr duşakly,
Azatlyga Sapa hakly,
Aglama,inim,aglama.

Kyssa hem-de Sapanyň halyna Hasan-da,Röwşende bozulýarlar.Hasan Sapa bilen salamlaşyp Asgaryň ýanyna öwrülip gelip,Asgara Sapa gaçsa,ýerinde özüniň oturjakdygyny aýdyp,onuň aýagyndan kündäni aýyrmak üçin perman bermegini soraýar.Asgar razylaşyp hat beren.Ýasawul hat esasynda Sapanyň aýagyndan kündäni aýyrýar.Bular Sapa bilen gürleşip,soltanyň şa köşgüne gidenligini,onuň gelen güni zyndandan azat etjekdiklerini,özleriniň hem häli-şindi gelip,iýer-içer ýaly

zat getirip durjakdyklaryny,goýunlary söwda bazarynda özleriniň satjakdyklaryny,hiç hili aladasyz ýatmagyny haýyş edip,hoşlaşyp öýe gaýdýarlar.Sapany ýasawul ýene-de zyndana eltip salýar.Sapa garaňky zyndanda ene-atasy başga doganlarynyň aladasyndan razy bolup ”ýagşylyk et-de,suwa taşla,hak biler,hak bilmese balyk”diýenleri dogry boldow,indi armanym ýok ölsem zyndanda diýip,şu kyssany aýdan

Doganlarym habar aldy halymdan,
Indi armanym ýok,ölsem zyndanda,
Dostdan başga geljek ýokdur ilimden,
Indi armanym ýok,ölsem zyndanda.

Taýly bolup,dogan diýip söýenim,
Ölçedip boýuma donun geýenim,
Ýyglaýyp döşüme başyn goýanym,
Indi armanym ýok,ölsem zyndanda.

Batgada galandyr çopan taýagym,
Kabul boldy hakdan dilän dilegim,

Zynjyrdan boşady taýly aýagym,

Indi armanym ýok,ölsem zyndanda.

Imansyz bagban düşmedi gepe,

Doganlarym direg, gördüm men wepa,

Şükür kylyp bir gez beýgeldi Sapa,

Indi armanym ýok,ölsem zyndanda.

Sapa zyndanda uzak oturmady.Sapa bäş gün zyndanda ýatandan soň soltan gelen. Hasan ony eşidip,göni öýüne baryp wakany beýan edýär. Alýaw soltan Hasan bilen tirkeşip iş jaýyna gelip, Sapany ýanyna çagyryp, onuň günäsi bilen tanyşyp bagbany çagyryp getirtýär. Bagban wakany ilki dogry boýun alýar. Emma soltanyň gazabyndan gorkup, wakany bolşy ýaly boýun alan. Soltan dre gazap bolup, ýasawyny ýanyna çagyryp bagbany bazar güni kyrkşallaga ýatyrmga perman berip, Sapany bendilikden azat edip göýberen.

Röwşen Çagyl bilen goýunlary satan. Bazarlanyp sargalan zatlar alynyp, Remezan aganyň maşgalalary bilen hoşlaşyp, Sapa ýola düşýär. Sapadyr Çagly Hasan, Röwşen, Mämmedaly derwezeden çykaryp toýdan üç gün öň Madawa barjakdyklaryny aýdyp, hoşlaşyp galan.

Sapa Tuwakmyradyň goşunda düşüp, Jürjänli wakany, alan zatlary bilen tanyşdyryp, ol gün ýatyp ertesi Çagyl bilen ýola düşýär. Sapa dagy Akdonla gelenlerinde Madaw tarapdan ýeke atlynyň selpäp gelýändigini görüp, şol atla tarap göni sürüp barýarlar. Ýeke atly golaý gelende onuň Orazdygyny Sapa tanap, gözlerine ynanmany owkalap, täzeden seretýär, emma şekil şol öňküsi. Sapa atdan düşýär. Oraz-da Sapanyň ýakynyna gelip atdan düşýär, elleşip görüşýärler. Oraz Sapadan Jürjäne baryp gelişini soranda, Sapa:

- Şükür, sag-aman gidip geldik. Goýunlary hem jaý satdyk. Ýol bolsun? Hany oba gara, ýaşulylar, ýeňňeler, Bossan gyzdan habar ber-diýip, Orazyň ýüzüne soragly seretýär.

Oraz:

-Ýol hem oň bola, sen dogry habar berýänçäň, inim, meniň habarym zyndanda" – diýip, dostutynyň gerşine kakýar. Sapa Orazyň zyndanly gürrüňi eşidenligine haýran galyp, şol gürrüňi häzir biderek gizländigine utanyp:

-Ýa walla, dostum, zyndanly gürrüň eýýäm size gelip ýetdimi? – diýen.

-Dostum halk ýeriň aşagynda ýylanyň günde näçe gezek düýrlenip – ýazylýandygyny bilýärler, ýer üstündäki wakanyň gürrüňi ýokla elbet-de, eşidildi. Onda-da gürrüňi

Ogultuwaga Bossan aýdypdyr. Men goýundadym. Goýundan gelenimde  Ogultuwak maňa aýtdy. Ine, menem göni seni yzarlap çykdym. Madawa bardym, herne gürrüňi Nigäre daýzam eşitmändir. Hany beýdip durmalyda atlanaly. Ýaşulularyň Ogultuwagyň, Bossanyň gözleri ýoldadyr-diýip, ugraýarlar. Madawa gelip Sapa Orazyň maşgalalaryna alan sowgady, Bossan üçin aýry sowgady berip, Orazy ýola salýar.

Oraz Bekibende şatlykly habar, hem-de sowgatly gelýär. Bossan Orazyň gelendigini, onda-da hoş habar bilen gelendigini Ogultuwakdan eşidip iki bolup bilmändir. Sapanyň sowgadyny maňlaýyna degirip, gursagyna gysypdyr.

...Aşyklar üçin bellenilen toý sähedi hem gelip ýetýär. Toý toýlamak üçin Tuwakmyrat goýundan gelip, goýuna meň agam gidýär.

Jürjänden Hasan, Röwşen, Mämmedaly dagy iki düýäni nogul-nabatdan, ýüpek matadan ýükläp, toýdan üç gün öň geldiler.

Şol gün Guzybakar pälwabyň öýünde Balkandan, Bekibentden, Etrekden, Jürjänden gelen myhmanlar şatlykly goh berýär. Bekibende kejebä giden öň atly bir ýatyp, gün aganda, buşluga gelip ýaglyk alýar.

Ak maýa gurlan kejebe-de, gelip ýetýär. Toý gyzýar, toý-da at çapylyp men diýen pälwanlar göreşip, sersmez guzy gapýarlar.

Sapa toýy synlap, joşup, Bossan gyz bilen ikiçäk duşuşyp, mydamalyk duurmuş ýoluna düşjegine guwanyp, şu kyssany aýdan:

Jeýhun kemin towlanjyrap joşaýyn,
Deňi-duşym bu gün toýa gelipdir.
Ganat baglap ýedi pelek aşaýyn,
Ilim-günüm, dostlar toýa gelipdir.

Ýaryş gurup, arap atlar ýollandy,
Göreş tutup, pälwanlar bellenildi,
Gyz-gelinler topar tutup sallandy,
Sallanan juwanlar toýa gelipdir.

Şatlyk ýetdi, unudyldy ajylar,
Ol duranlar Mekgäni gören hajylar,

Atam gören aksakgally gojalar,
Sakgal silkip, olar toýa gelipdir.

Ötdi aýlar, geldi ýyllar aýlanyp,
Dost, duşmanlar bellenelendir saýlanyp,
Bossan gyzam gyrmyz geýinip şaýlanyp,
Ýüz kereşme näzler toýa gelipdir.

Aşyk Sapa döwran sürjek ýar bilen,
Dutar, gyjak owaz eýlär sazy bilen,
Bagşylarmyz saýrar hoş owaz bilen,
Dutar, gyjak – sazam toýa gelipdir.

Gün ýaşyp, bagşylar dutaryň taryny dartanda Sapa bilen Bossany elleşdirýärler. Aşyklar iki çäk jaýda galýarlar.aşyklar inje bili guçup, maksat-myratlaryna ýertýär. Toý üç gün toýlanyp, dördülenji güni Bossany gaýtarýarlar. Toýa gelenler hoşlaşyp,öýli-öýlerine gitýär. Sapanyň Jürjänli doganlary hem gelip gaýtarmaga gidenler soň, hoşlaşyp Jürjäne gaýdýarlar.

... Indi habary Nazar baýdan alalyň.

Nazar baý aç gurt ýaly penjesini giňden açyp başlaýar. Ol ýene-de Şammyny ýanyna çagyryp:

- Şammy han, Sapa guran duzagymyz çüýrük boldy. Ol hem bähbit bolsun. Indi näme etmeli? Eger Jumanyň gyzy Bossany ýoguna ýansak. Ol ýetimiň ýüregini ömürlik ýakardyk. Hany munuň maslahatyny berip otur!- diýip, sozüne dyngy berýär. Şammy çala gopsunjyrap "Aýry maslahat bolmaz, Nazar baý ozüň nähili karara geldiň?"- diýip Nazar baýa soragly garan. Nazar baý sakgalyny sypap, ýuwaşlyk bilen:

- Şammy han, menden gerek zadyny al, özüňe-de gerek bolsa ýaran hem tut, şol ganjygy dogmadyga dönder-de, Nazar baýyň kimdigini bildir. Gelejekde etmeli işleri özüň bil. Ýöne etjegiň içiňde bolsun. öz ýüregiň saklamadyk zadyny dostuň-a, asla saklap bilmez- diýip arçynýar.

Şammy kiçijik ala gözlerini güldirip:

- Nazar baý, senden maňa ol işi bitirmek üçin hiç zat gerek däl. Ýöne eger at gerek bolsa, ony münmeli bolaryn. Senden peşgeşi işi bir ýan edip alarys. Seniň ol diýýän işiňi ine şu ak saply bitirer- diýip bil guşgyndaky gynyndan ak saply pyçagy sogryp alýar. Bossana kast etmek üçin bularyň arasynda ençeme plan çekilip, gijäniň bir çeni ýatmak üçin turýarlar.

Şol günden soň Şammy Bossanyň kastyna çykyp ugraýar, emma maksadyna ýeter ýaly amatly pursat tapmaýar.

Durmuş toýundan soň ýigrimi gün geçirip, Sapa bossan bilen didarlaşmak üçin Bekibende gaýtýar. Gyr at Sapany Bossana ýetirmek üçin ýeňil gopýar.

Sapa ýolda Bossany ýatlap şu kyssany aýdypdyr.

Bahar aýy çöle çyksam seýrana,
Eý Bossanym,täze güller sendedir,
Çemen bogsaň köpler galar haýrana,
Taýýar çemen,gyzyl güller sendedir.

Sensiz ýagty jahan gerekmez maňa,
Güler ýüzüň şypa berýär bu jana,
Sorsam lebleriňi men gana-gana,
Çeşme suwy,bal gaýmaklar sendedir.

Sözüň meňzär gyjak,dutar sazyna,
Bal gatylan dodagyna,diline,
Mahal-mahal nazar salsam ýüzüne,
Bar mydarym,bahar ýazlar sendedir.

Aşyk oglan joşup düzdi kyssany,
Seni ýatlap unutmuşam gussany,
Pasylyň bahary,Sapaň Bossany,
Bagta biten alma,narlar sendedir.

Sapa Bekibentde dosty Oraz,ýeňňesi Ogultuwak,söýgüli ýary Bossan bilen iki gün didarlaşyp soň yzyna gaýdan.

Bossany bir ýyldan soň,Madowa gaýtaryp getirýärler.Bossan ýaşy könelen Nigär daýzanyň eli-aýagy bolýar.Ol gelen gününden öýüň ähli hysyrdysyny öz üstüne alýar.Nigär daýza Bossandan göwni hoş bolup,oňa ”gelnim,gyzym” diýip ýüzlenýär.Nigär daýza ýaz gelensoň,ýaz aýlag bolan Etregiň boýuna Ýylgynly oluma göçüp barýarlar.Olar olumdan dört-bäş ýüz ädim çemeleri ýurt tutýarlar.Sebäbi agyz suwuda Etrekden edilmeli eken.Bu gün Bossan hemişekileri ýaly gerdenine küýzäni alyp,Tuwakmyrat aganyň on bir ýaşly agtygy Jeren bilen olumdan suw getirmek üçin ugraýar.Biçäre Bossan suwa dälde ajala göni barýardy...

Bossanyň suw aljak olumyna onuň kastyna çykan Şammy üç atly bolup daňa golaý şu ýere gelip ýetipdiler.Olar içi erkekli ýanaşyk oturan öýlere öni baryp bilmäni,atlaryny gür gamyşdyr ýylgynyň arasynda gizläp,özleri Sapadyr Tuwakmyrat aganyň öýleri görüner

ýaly güzeriň gyrasynda bukup ýatyrdylar.Daň atanda Sapa aty idip,goýny meýdan örüzişi,goşa öýden girip çykýanlar Şamma dagy görünip durdy.Bular goýun örenden soň,Bossanyň kasty üçin Emin galtamany tanalmaz ýaly eňegini daňyp,öýlere ibermegi Eminiň ýoldaşy maslahat salýar.Emma ol maslahata Şammy garşy bolýar.Şeýdibem günorta çenli bukuda garaşmaly bolýarlar.

Gün guşluga galanda Bossan bilen Jereniň güzerden suw almak üçin göni özlerine gaýdandygyny Şammy dagy görüp, heşelle kakdylar. Şammy:

-Geline baýa diri elteliň. Giý baý agamyz gelniň ilki namysyna degip, soň hem etmeli işi öz eli bilen etsin. Şondan soň baý agamyz bilen mülküni deň bölmäge-de razy bolar-diýip, ýoldaşlarynyň ýüzüne gözüni güldürüp sereden. Emin galtaman ýoldaşlaryna gelniň kellesini alyp gitmegi maslahat berýär. Şammy şol “diri alyp gideli, özüm alyp giderin” diýip, duran soň, olar-da razylaşan.

Bossan Jeren bilen güzerden inende, üç adamyň üçüside birden buky ýerlerinden çykyp, bossany güpbassy edipdir. Jeren bolsa küýzäni taşlap, uly ili bilen gygyryp gaçan. Galtamanlar Bossanyp elini arkasyna daňyp, Şammynyň ardyna mindirip, aýaklaryny atyň garnyna aşagyndanýüp alyp çatýarlar. Bossan öňe yza - omzamaz ýaly onuň bilini Şammynyň biline mäkäm baglaýarlar. Şeçdibem Bossan Şammynyň ardynda erksiz galýar.

Jeren ylgawyny ýazdyrmany, bärden baranda Nigär daýza onuň bolup gelşine allaniçiksi bolup, öýünden baryp habaryny alýar. Jereniň habary onuň huşuny başyndan uçýar. Ol ilki güzere tarap ylgaýar, soň akylyna aýlanyp, üç erkek kişa näme edip bilerin? Sapa jana habar etmeli diýip, içini gepledip, Sapanyň goýun bakyp ýören tarapyna ylgaýar. Nigär ýoluň ýary çenini geçen wagty Sapa özüne biriniň ylgap gelýänini görüp, oňa tarap at salýar. Gelin görse ejesi. Nigär wakany sojap-sojap Sapa ýetirýär. Sapa goýun goşuna baryp, ok ýaýyny alyp, galtamanlaryň yzyndan "Alla" diýip, at salýar. Galtamanlar ilki ylgawly soň gorgun bilen sürüp barýan eken. Olar şol barmana yzlaryndan kowynyň gelýändigini görüp, basýarlar ata gamçyny. Sapanyň aty tohum arap at bolany üçin, galtamanlaryň yzyndan golaýlaýar. Şammynyň aty artlaşykly bolansoň, ýoldaşlaryndan has yza galýar. Sapanyň arasy golaýlaşýar. Şammy yzyna öwrülip üç – dört gezek Sapany ýaýy oka (peýkama) doldurup atýar. Emma Bossanyň päsgelçiligi onuň jaýdar atmagyna ýol bermeýär. Sapa Şamma has golaýlaşanda ýaýy oka doldurýar, emma Şammyny atyp bilmeýär, sebäbi Bossanyň üsti bilen Şammyny urmaly bolan. Eger aty uraýyn diýse, Bossanyň galtamanyň biline daňylgydygyny bilip, at ýykylsa, Bossan heläk bolaryndan gorkup, atmany kowy edip gelýär.

Şammy artlaşykly gaçyp gutulmajagyny bilip, bilindäki ak saply pyçagyny gynanyndan soguryp alýar-da biline

baglanan ýüpi kesip, Bossan gaýkaranda, onuň çep küküregine pyçagy sokup çykaýar-da, atyň garnynyň aşagyna geçip ýüpi kesip göýberýär welin, Bossan atdan agyp düşýär.Bossan atdan aganda, Sapa Şammynyň yzyndan iki oky atyp göýberýär. Oklar Şammynyň ýagryndan jaýdar girip, atdan agdarýar. Galtamanlar Şammynyň atdan agandygyny görüp "Assa gaçan namart" diýip, atlarynyň tizligini artdyryp gözden ýitip gidenler. Sapa Bossanyň ýanyna gelip, atdan böküp düşýär-de, bilinden pyçagyny alyp, onuň elindäki ýüpi kesip aýyrýar. Şammynyň pyçagy Bossanyň kükreginde girip, ýüregine şikes ýetiren eken. Bossan eli boşan soň, dikeljek bolýar bolmaýar. Sapa Bossany bagryna basyp, onuň ýarasyna elini ýetirende, Bossan Sapanyň goşaryndan şapladyp tutup:

-Sapa jan, azar berme, men bu ýaradan gutulman. Är işini bitirip arymy armansyz ýerine saldyň. Men senden mydamalyk razydyryn. Sen hem az hyzmat eden bolsamda, razy bol. Gyýylan ýeriň bolsa meni bagyşla- diýip, gözlerinden düwme-düwme ýaşlary göýberýär. Göz ýaş alma dek ýaňakdan syrygyp , gyzyldan gül ýaka damýar. Sapa Bossanyň ýaňaklaryndan taýly öpüp:

-Bossanym, ajaly agzama, biz dünýäde hiç zat göremzok. Biziň şatlykly günlerimiz öňde ahyryn-diýip, Bossanyň maňlaýyndan sypaýar.

Bossan:

-Sapa jan, takdyrda nä barydygyny göreris-diýip, kükregini sypaýar, soň gözlerini uludan açyp:

-Hoş, hoş, hoş Sa-pam-diýmäge zordan ýetişip gara gözlerini Sapanyň ýüzüne hossarlyk bilen seredip, soň mydamalyk ýumup, Sapanyň gujagynda jan berýär.Sapa bu ahwaly görüp,huşy başyndan uçup,Bossany çaga ýaly eline alyp,ýerinden turýar,öýüne gelip,Bossanyň ýüzüne seredip:

-Bossanym,Bossan gözüňi aç!Wah-diýip ýyglaýar,emma Bossan Sapa bilen mydamalyk hoşlaşaýypdy.Sapa:

-Bossanym,sen mundan gider bolduň.Men ýaşymyň soňuna çenli sen diýip gezerin.Ahyryýet jaýda duşuşýançak men seni unutman,sen-de meni unutma!-diýip, şu kyssany aýdan:

Duşman eli kast eýledi janyňa,
Gülsüz galan bilbiliňi unutma!
Gider bolsaň alyp git sen ýanyňa,
Taýsyz galan bilbiliňi unutma!

Aşyk ýoluň yzlap çöllerden ötdim,
Ak goluňy sypap maksada ýetdim,
Ýigrimi üç ýaşymda gam laýa batdym,
Bagsyz galan bilbiliňi unutma!

Ganym duşman bilmen nirden gelipdir,
Gapyllykda seni gola salypdyr,
Gözle,duşman başy gumda galypdyr,
Ýarsyz galan bilbiliňi unutma!

Sensiz munda sabry-kararym bolmaz,
Duşmanlar şat bolar,dostlarym gülmez,
Senden özge kişi köňlümi almaz,
Ýyglap galan Sapa guluň unutma!

Sapa atlanyp,Bossany eliniň üstünde tutup öýe alyp gelýär.Nigär daýza bu ýagdaýy görüp,şalkyldap özünden gidýär.Özüne gelip Bossanyň üstüne özüni oklaýar.Gara geýip,bagryny dilip bozlaýar.Bossany soňky ýoluna ugradýarlar.Sapa Bossanyň ölümi agyr düşýär.Onuň gündizler karary ýetmän,gijeler ukusy tutmany”Bossan,Bossanym,baha-

-ryň güli”diýip meýdana çykýar.Öýe gelibem onuň ak elleri bilen tutan gaplaryny ellerine alyp,geýen ýüpek köýneklerini maňlaýyna sylyp,sessiz aglaýar.Sapa Bossanyň kyrkyny sowup,gabrystanlyga gelip,ene-atasyna,Bossana aýat okap:-Ah bendeler,bu dünýäden kimler ötmändir?Ol dädemiň,bu-da ejemiň,ine-de Bossanyň gubury.Eý ýalançy,seniň munda ömürlik goýanlaryň hany?!-diýip şu kyssany aýdypdyr.

Eý ýalançy,sorag-salýan dikelip,
Beňňejan ýüzüni görenler hany?!

Ajal dartyp,gelen barmy bukulyp,
Nuhdan nalap munda duranlar hany?!

Saýgarmaz sen ýagşy-ýaman parhyny,
Dynman aýlap dursuň pelek çarhyny,
Ajy gözýaş edip ajal nyrhyny,
Ömürlik jahanda galanlar hany?!

Allany ýat eýläp,gurhana uýan,
Din ugrunda eziz başyny goýan,
Düldüle atlanyp,"Aly men"diýen,
Pygamber ýüzüni sylanlar hany?!

Bitmez ýüreklerde, aýralyk tygy,
Derýa deýin akýar, gözýaşyň sili,
Hany saňa gelen, soltany-begi,
Ýagşy gözel bilen sürenler hany?!

Ajal gutulgysyz, bolmaz hiç çäre,
Nobat bilen eltip dykýarys göre,
Ene perzendine, hatyn-da äre,
Mydamalyk guwanyp, duranlar hany?!

Döreýşiň bezemen, misli bir gelin,
Her näçe ýaşasaň ahyryň ýalyn,
Bende Sapa saňa baglamaz bilin,
Köpüne dolanyp gelenler hany?!

Sapa Bossana beren sözünde-de tapylýar. Ol ýigrimi üç ýaşdan kyrk bäş ýaşa çenli “Bossan, Bossan”diýip ýyglaýyp, kyrk bäş ýaşda Bossanyň gubyryny gujaklap jan beren.

Arazberdi-de Sapanyň ýigrimi üç ýaş bilen kyrk bäş ýaş aralygyndaky ahly, sakgal-saç agardan günlerini eşitse-de, beýan etmäge döz gele bilmäni rowaýatyň soňuna nokat goýýar.

Soňy. 1975ý.

# GOŞGULAR

## PYRAGY

Älem içre ýagşylardan at galar,
Watanymda adyň belli Pyragy.
Şygyryňy okanyň köňli şat bolar,
Saýrap giden saýrak dilli Pyragy.

Aýladyň döwrüňde şygyr oragyn,
Azatlyk deňlikdi seniň geregiň,
Urmasada indi gamly ýüregiň,
Keşt eýleýär kyssaň gülli Pyragy.

Arzuwlan zamanyň watanma geldi,
Ýaş juwan söýüşip, söýgülisin aldy,
Meňliler şat bolup, jak-jaklap güldi,
Meňlilermiz çeper elli Pyragy.

Galdyr başyň bu durmuşa bir gara,
Bäş doganyň birleşipdir bir ýere,
Zähmetden bagt tapyp barýarys öňe,
Watanym bagtyýar illi Pyragy.

2004 ý.

## SALLANANDA

Aý ýylgyryp, gülüp bakar,
Gülüm assa sallananda.

Bulut gelip nurun döker,
Gülüm assa sallananda.

Gül açylyp bahar eýlär,
Bilbil saýrap owaz eýlär,
Gökde durna telwas eýlär,
Gülüm assa sallananda.

Gözellere nusga gelşi,
Haýran bolar deňi-duşy,
Ýada salar ýaşylbaşy,
Gülüm assa sallananda.

Şemal ýüzün ýelpäp öter,
Gamzasy janyňa batar,
Gara saçy owsun atar,
Gülüm assa sallananda.

Arazberdi oýa batar,
Ýagşy sözläp yzyn gutar,
Ýaşyň ýigrimi bäşe ýeter,
Gülüm assa sallananda.

1970 ý.

# BÄRI GEL

Säher çykyp seýrana,
Sallan gözel bäri gel.
Meni goýup haýrana,
Gitme näzlim bäri gel.

Bagda açylan gunça,
Özge gül bolmaz sençe,
Azara goýma munça,
Gaçma Maral bäri gel.

Tap ýoluny oýlanyp,
Gyrmyz geýinip şaýlanyp,
Näz eýleýip towlanyp,
Sallan gözel bäri gel.

Taşlap gitme sen beýle,
Bile çykaly seýle,
Öz bilbiliň şat eýle,
Gitme dilber bäri gel.

Lebleriň balmy-şeker,
Garaýyşyň maňa ýokar,
Arazberdi ah çeker,
Sallan gözel bäri gel.

1972ý

HALYPA

(Türkmenistanyň halk artisti Nurberdi Gulowa bagyşlaýaryn)

Gök çaýy sowadyp täzelik gözläp,
Oturdyň ençeme daňy halypa.
Dtaryň taryny köňlüňe baglap,
Çyzgadyň joş eýläp, ýeňi halypa.

Şägirtleriň nusga alyp oturýar,
Aşyr Gurban yzyň alyp göterýär,
Joş owazyň saňa abyraý getirýär,
Döretdiň ençeme heňi halypa.

Bezeg berýäň toýa, saýrap joşaňda,
Mertleri wasp edip, dagdan aşaňda,
Bibini yzarlap, Çaňla duşaňda,
Çözülýär Bibileň doňy halypa.

Adyň belli bu dyýaryň çäginde,
Mesgen tutýaň Etregiň oýunda,
Joşmak nesip etsin agtyk toýunda,
Ýetmişi toýladyň ýaňy halypa.

Gulmergeniň ogly adyň Nurberdi,
Arazberdi joşup kyssany düzdi,

Hökümet hormatlap belent at berdi,
Abraý al, sözümiň soňy halypa.

1987ý

## DAGLAR

Gowagyňda näler ýatan,
Beýan etseň bize daglar?!

Boşlaryňy duman tutan,
Ýa çekýäňmi yza daglar.

Çeşmeleriň şirläp akar,
Öz boýuna jähek çeker,
Gelin-gyzlar seýle çykar,
Bahar aýy size daglar.

Bekleriňde ýolbars arlar,
Ýaz ýagşyna başyň derlär,
Maldarlaryň mekan eýlär,
Eger çyksa ýaza daglar.

Şowlasa bahar ýelleri,
Çawuş çakar ter gülleri,
Mahmal bürenen gollary,
Meňzär gelin-gyza daglar.

Arazberdi gaýnap joşdy,
Balkan daga ýolum düşdi,
Bilbil näzik gülün guçdy,
Salyp täze saza daglar.

1971ý

## BALAM
### (Ogluma nesihat)

Sözlerimden many al,
Ýagşy ýoly saýla balam,
Deňiň bilen oýnap gülüp,
Çyn dostuňy saýla balam.

Diýdirmegin näletkerde,
Abraý ýokdur, şer bar ýerde,
Mesgn tutup belli kärde,
Söýýän käriň saýla balam.

Uly il bolsun diregiň,
Zähmetden gözle geregiň,
Halal bolsun seň çöregiň,
Haramdan baş saýla balam.

Ejiz tutma hergiz başy,
Myhman bilgin juwan ýaşy,
Oýlap etgin her bir işi,
Mert ýoluny saýla balam.

Nämähreme golaý barma,
Syr alyşyp syryň berme,
Haramynyň ýüzün görme,
Wepalyny saýla balam.

Watan namys aryň bolsun,
Duşman mertligiňi bilsin,
Kakaň ak patany bersin,
Aýdyň ýoly saýla balam.

Arazberdä uýat ýokmaz,
Ýamanlygy hergiz ekmez,
Näletkerdä bilgin bakmaz,
Ýagşy ýoly saýla balam.

1985ý.

## MENIŇ.

Deňim bilen oýnap gülsem,
Gülüp bakar ýüzüm meniň.
Saglyk bilen döwran sürsem,
Sapa bolar günüm meniň.

Dogduk ýere günde barsam,
Oýnan ýerim ýada salsam,
Topragyny ýüze sylsam,
Ýigdelermi ýaşym meniň

Ýaz aýlagym bolsa Maşat,
Gazykda oýnasa gyrat,
Altmyş ýaşda bolsa kuwwat,
Ýoly söker dyzym meniň.

Moňalandan göçi çeksem,
Çatda gelip ýaýla tutsam,
Soňydagda umga atsam,
Sapa bolar bagtym meniň.

Arazberdi gaýnap joşsa,
Jeýhunymyz Kaspa guýsa,
Şol döwrana gözüm düşse,
Ýigdeler ýaşlarym meniň.
1959 ý.

PERIZAT.

Aýdan,günden şuglaý alyp geldiňmi,
Sallanyban nirden düşen perizat?!
Ýa Züleýhaň gözelligin aldyňmy,
Haýsy jennet mekanyňdyr perizat?!

Ala gözler bilmen kime hyrydar,
Seniň näziň gyşyň garyn ereder,
Gören juwanlaryň bagry ýaradyr,
Haýsy ýanda ýoluň bilmen perizat?!

Gaşlaryň ýazaňda,misli bir orak,
Alma deý ýaňagyň,gaýmak dek dodak,
Gara saçyň sypalanda ak darak,
Bezeg berýär gül ýüzüňe perizat.

Gyzyl gül dek güle biten adyň bar,
Jemalyňda ýüz kereşme näziň bar,
Bir şahada biten goşa naryň bar,
Goşa naryň haýbatlydyr perizat.

Arazberdi kyssa düzüp şanyňa,
Guwanyp synlasyn serbi buýuňa,
Ençe joraň gülüp barsyn toýuňa,
Gelin-gyzda tapman taýyň perizat.
1975 ý.

## DUŞ EÝLE!

Ýa ýaradan arzym diňlegin säher,
Ýamandan daş edip,ýagşa duş eýle.
Men bilen deň bolup eýleme gahar,
Garyp göwnüm munda,mydam hoş eýle.

Döwletdir eçilen ogul-gyzlaryň,
Kuwwaty synmasyn goşa gyzlaryň,
Saçagmyzda egsilmesin duzlaryň,
Gurbany bolaýyn mydam bol eýle.

Ilim bilen şadyýana güleýin,
Deň-duşuma hak maslahat salaýyn,
Ýagşynyň köňlüne melhem bolaýyn,
Wepasyz ýoldaşdan mydam daş eýle.

Gözlerim görmesin minnetli aşy,
Hoşlukda ötürsem eçilen ýaşy,
Ýaşlykda duşuran ol ýassykdaşy,
Essalata çenli maňa joş eýle.

Eziz başy goýsam hakyň ýoluna,
Azapsyz duşurgyn ajal eline,
Dileg salan Arazberdi guluňa,
Munda abraý, onda iman duş eýle. 1967 ý.

## GEL

Keşt edeli jahana,
Sen baharym bolup gel !
Kylma läläm bahana,
Sen baharym bolup gel !

Pasly bahar gelende,
Bilbil nagma çalanda,
Säher salam berende,
Sen baharym bolup gel !

Aýy buluda gizläp,
Ekmeli nary tözläp,
Aşyk ýoluny yzlap,
Sen baharym bolup gel !

Sensiz saýramaz dilim,
Hiç kimse bilmez halym,
Haçan gelseňde gülüm,
Sen baharym bolup gel !

Bezenibän keşt eýläp,
Şu günümi şat eýläp,
Aşygyňy ýat eýläp,
Sen baharym bolup gel !

1974 ý.

## DAKDY GITDI
(Serhoşyň dilinden)

Gaýratlandym ýüzi içip,
Kem-kem üsti ýedi gitdi.
Gapyllykda sepim açyp,
Dile badak atdy gitdi.

Gezdim diwara söýenip,
Ädim aýaga käýinip,
Ýykyldym çarýan bulanyp,
Gan burnumdan akdy gitdi.

Haýat bardy daýanmaga,
Kuwwat ýok ýerden galmaga,
Gelýän ýok habar almaga,
Günem bir çak batdy gitdi.

...Ertirden soň geldim huşa,
Sübse alyp çykdym daşa,
Düýnki boşan iki çüýşe,
Onbäş güni basdy gitdi.

1971 ý.

## GÜLÄLEK.

Gözelleriň seresi,
Gel,Gülälek,Gülälek.
Sende söýgi çägesi,
Gel,Gülälek,Gülälek.

Gülälek-how,Gülälek,
Gülüp baksaň,gül ýalak.

Pasly bahar gelipdir,
Bilbil nagma çalypdyr.
Gözüm ýolda galypdyr,
Gel,Gülälek,Gülälek.

Sensiz döremez kyssa,
Köňlüme salma gussa,
Sallanyp gelgin assa,
Gel,Gülälek,Gülälek.

Arazberdi girýana,
Gel,maralym seýrana,
Gören galsyn haýrana,
Gel,Gülälek,Gülälek. 1970 ý.

## ÇAGAJYK.

Neslimiň dowamy,durmuşyň güli,
Güneş deý nurana bakar çagajyk.
Baldan süýji mydam sözlände dili,
Saýrap şadyýan bakar çagajyk.

Aýaly ýer tutar ýuwaşdan äde,
Çöker,gurar,birden ýeter myrada,
Oýun üsti bilen bekän zähmede,
Gyzyl gül deý gülüp bakar çagajyk.

Ene-ataň bagty,güýji daýanjy,
Sensiň uly iliň baky guwanjy,
Durmuşyň bezegi,sen törüň genji,
Teşne köňli suwa ýakar çagajyk.

Azat watanymda ýokdur hiç kemiň,
Görejiň guwançly ýokdur hiç gamyň,
Şatlykdan,şatlyga uzaýar ýoluň,
Zamanamyň bagtyn guçýar çagajyk.

1978ý.

## UÝALAR .

Näzeninim nazar salsa,
Gyşy sowan ýaz uýalar.

Sallanybam suwa gelse,
Köllerdäki gaz uýalar.

Bezenibem gülüp baksa,
Ak ýüzüne zülpün dökse,
Säher bilen seýle çyksa,
Bagda açylan güluýalar.

Her bir sözi misli ýazdyr,
Öýüň içi günde sazdyr,
Ýaşan ömrüň şonça azdyr,
Söz diýmäge dil uyalar.

Gara saça timar berse,
Gelip hyzmatyňda dursa,
Iki ýürek bile ursa,
Al ýaňakda bal uýalar.

Myhman bolup ýakyn ýadyň,
Il içine çykar adyň,
Arazberdi seniň badyň,
Segsen ýaşda göz uýalar.

1987ý.

## BEZEGIDIR

Atyr ysyn saçar güller,
Ýaz paslynyň bezegidir,
Gül täjinde menek hallar,
Näzik gülüň bezegidir.

Gül bezegi namys ardyr,
Köňli näzik, näze zardyr,
Gyýylsada, öýke azdyr,
Näz hem gülüň bezegidir.

Gül bilbile bezek açdy,
Bilbil näzik gülün guçdy,
Gül näzlenip töre geçdi,
Gül ak jaýyň bezegidir.

Bu panynyň köpdür ýoly,
Sylamaz bilbili güli,
Arazberdiň saýrak dili,
Gül waspynyň bezegdir.

1987ý

## SENDEDIR

Baharym, bossanym, eýläre zarym,
Dör pasylyň bahar aýy sendedir,
Sensiň meniň bu jahanda mydarym,
Göz guwanjym, süýji ballar sendedir.

Sözläňde paýhasyň misli dürdäne,
Güler ýüzüň şypa berýär bu jana,
Sorsam lebleriňi men gana-gana,
Süýji lebler balu-nabat  sendedir.

Gamly ýüregimi şada getiren,
Gaşy çitmän hyzmatymy bitiren,
Ak süýdini bişirip gaýmak getiren,
Ýuka dodak bal gaýmaklar sendedir.

Ak bilek ajaýyp özüň näziňe,
Bolsam baýlygyňa tylla hazyna,
Gül açar gül ýüzüň gyşy-ýazyna,
Bag-bakjaly lälezarlar sendedir.

Arazberdi joşup ýazar kyssany,
Şanyňa döretdim ençe dessany,
Höwes bilen ak bedeni ýassany,
Ak bedende, alma narlar sendedir.

2008ý

## ÖZ NOBATYN BERENOK

Gijäniň köpsi öten bolsa-da,
Kirpikler bir-birin guçup bilenok.
Göz öňüme gelip gyzyň gül keşbi,
Süji uka nobat seňki diýenok.

Penjirede ser salamda daşara,
Monjuk deý ýyldyzlar gülüp bakyp dur.
Emma ýüregimiň inçe tarlary,
Gül ýanyna, ýöre diýip böküp dur.

Gije bolsun ýa-da gündiz parhy ýok,
Söýgülimiň keşbi gözden gidenok.
Söýgi üstün çykyp ukudan,
Şonuň üçin öz nobatyn berenok.

1974ý

## EÝLEÝER

Halaýaklar haýýar hatyn,
Ýakar ömrüň köz eýleýer.
Keýpi sapa kylmak çetin,
Ýorgan için buz eýleýer.

Il oňlamaz oň kärini,
Gizlär öýünde baryny,
Göräýse ýumruk zoruny,
Kanun baryn duz eýleýer.

Ikindinden uka batar,
Guşluk turup çaýyn atar,
Uzan eli çaga ýeter,
Çümtük yzy saz eýleýer.

Sözleriniň bolmaz weji,
Süji söze seper ajy,
Tozan arap tutar keçi,
Öý içini toz eýleýer.

Sözleriniň çohdur bady,
Lakamlydyr ilde ady,
Bitmän galsa diýen zady,
Ýüz gözüni buz eýleýer.

Ençe öýi gyýak keser,
Oba gezip, assa basar,
Bimahaljak gazan asar,
Mdam aşy duz eýleýer.

Myhman bolmaz ýakyn ýadyň,
Ile çykmaz seniň adyň,

Çagalanda artyp oduň,
Üç-daşyňy köz eýleýer.

Geçmek kyn onup nepinden,
Tutarsyn awuň sapyndan,
Doýansoň köpler gepinden,
Ýagşy goňşyň daz eýleýer.

Dogry sözi aýtmak gerek,
Öz wagtynda bişmez çörek,
Gary saçy degmez darak,
Eziz başy gäz eýleýer.

Hergiz ondan çykmaz oňluk,
Hor boldugy bişse öňlük,
On gyýýylar mydam ýeňlik,
Gyrkarar matan az eýleýer.

Ärin görse bolar hassa,
Başyn baglap bolup gussa,
Hormatlanyp geňeş etse,
Iň soňunda baz eýleýer.

Arazberdi kylma gahar,
Towly sözden ýagşy zäher,
Haýýar aýal her gün zäher,
Eziz köňli buz eýleýer.

1970ý

## GYBATKEŞ

Gybaş gözlän oba ýörtüp,
Nirä ugruň, sen gybatkeş.
Gül ýüzüňe gara sürtüp,
Nirä barýaň sen gybatkeş.

Ýagşy işe ýaman goşyp,
Töhmet üçin golaý süýşüp,
Sirke basan saçyň gaşap,
Ýylan dilli sen gybatkeş.

Sözlän sözüň ýary ýalan,
Ýüreklere ýara salan,
Bilbilleri gülden aýran,
Seniň diliň bil gybatkeş.

Atlanyp gybat küýüne,
Düşmez bolup hak öýüne,
Enäni çatyp geline,
Ýüpsiz daňan sen gybatkeş.

Gen duzagyn gurup giňden,
Gaçmaz bolup jedel-jeňden,
Niçe goňşyny goňşydan,
Aýra salan sen gybatkeş.

1971ý.

## OÝNASAM

Guwanç bilen çola çekip, ol güli,
Çemenler içinde, güli oýnasam,
Dişiň arasyndan uzaýan dili
Dodak bilen sorup, dili oýnasam.

Näzli dilber oňlap, biläýse halym,
Sallanyp suwlaga geläýse gülüm,
Sypalap sagryga ýetäýse elim,
Ak bedenden goşa mary oýnasam.

Tawus deý daranyp gelse oýnaga,
Menem çyksam bedew atly boýnaga,
Elim sypap salsam ýüpek köýnege,
Keşdeli köýnekde bili oýnasam,

Eziz eli goşa narda oýnadyp,
Ýuka dodagynda lebi gaýnadyp,
Tokar gözlerine ýyldyz sanadyp,
Ballanamda goşa nary oýnasam.

Arazberdi geçenleri ýatlama,
Ballar alyp eziz göwnüň şatlama,

Iki bolup aýdyň ýoldan ätlese,
Hoşlaşamda ak goşary oýnasam,
1974.ý.

**Joşa gelse.**

Gyjak dutar owaz eýlär,
Nurberdi Gul joşa gelse.
Hoş owazy toýy toýlar,
Nurberdi Gul joşa gelse.

Geçmişimiz kerwen gurar,
Görogly daglara barar,
Bibi Çaňla näzli garar,
Nurberdi Gul joşa gelse.

Durna toýnuk gurap uçar,
Wagtyň hoşluk bilen geçer,
Ilkagşamy säher guçar,
Nurberdi Gul joşa gelse.

Aý ýylgyryp gülüp bakar,
Bulut gelip nuryn döker,
Bbilbil güle nagma kakar,
Nurberdi Gul joşa gelse.

Gökde bürgüt ganat ýaýar,
Ab üstüne şaglap iner,
Bedewler arlaýyp süner,
Nurberdi Gul joşa gelse.

Ýüreklerde bolmaz gussa,
Ökünme ýok heňe ussa,
Arazberdi düzer kyssa,
Nurberdi Gul joşa gelse. 1982 ý.

# Mazmuny


Sapaly Bossan ......................................... 3

Goşgular

Pragy .......................................................123

Sallananda..................................................123

Bäri gel......................................................125

Halypa.......................................................126

Daglar........................................................127

Balam........................................................128

Meniň........................................................129

Perizat.......................................................130

Duş eýle.....................................................132

Gel.............................................................133

Dakdy gitdi................................................134

Gülälek.......................................................135

Çagajyk.......................................................136

Uýalar.........................................................136

Bezegidir.....................................................138

Sendedir......................................................138

Öz nobatyn berenok....................................140

Eýleýer........................................................140

Gybatkeş.....................................................143

Oýnasam.....................................................144

Joşa gelse....................................................145


Babanyýazow Arazberdi
SAPALY BOSSAN